# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
# – TÜRKMEN HALKYNYŇ ŞÖHRATLY TARYHYNDA ÖZBOLUŞLY ORNY EÝELEÝÄN ÄNEW ŞÄHERI MILLI MEDENI WE TARYHY ÝADYGÄRLIKLERI ÖZÜNDE JEMLEÝÄN GADYMY ŞÄHERLERIŇ BIRIDIR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
29-njy mart, 2024. Belgisi 13/1579



# NETIJELI MEDENI GATNAŞYKLAR ÖSDÜRILÝÄR

**27-nji martda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türki Döwletleriň Guramasynyň Baş sekretary Kubanyçbek Omuraliýewi kabul etdi.**

Myhman döwlet Baştutanymyza wagt tapyp kabul edendigi hem-de Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli çärelere gatnaşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Şunda Türkmenistanyň dünýä syýasatynyň we diplomatiýasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýan ynsanperwer ulgamda döwletara gatnaşyklary ösdürmäge saldamly goşandy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, Türki Döwletleriň Guramasynyň onda synçy döwlet derejesine eýe bolan ýurdumyz bilen netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet berýändigi nygtaldy.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, guramanyň ýolbaşçysyny gadymy we myhmansöýer türkmen topragynda mübäreklemäge şatdygyny belledi. Myhman Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli geçirilen çärelere gatnaşdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz şeýle çäreleriň diňe bir türkmen halkynyň milli däplerini wagyz etmäge ýardam etmek bilen çäklenmän, eýsem, umumy taryhy kökler bilen baglanyşan türki halklaryň arasynda medeni gatnaşyklary giňeltmekde hem möhüm ädim boljakdygyna ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz we myhman asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan medeni-ruhy däpleriň türki dilli ýurtlaryň arasynda ýola goýlan hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak üçin binýat bolup hyzmat edýändigini kanagatlanma bilen bellediler. Türki döwletler bilen netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynda möhüm orun eýeleýär diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň Türki Döwletleriň Guramasyna synçy ýurt hökmünde goşulan döwründen bäri bu düzümiň çäklerindäki dialogyň täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýandygyna üns çekildi.

Şu ýylyň 11-12-nji martynda Aşgabatda üstünlikli geçirilen Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň 15-nji mejlisi munuň aýdyň mysalydyr. Onda guramanyň çäklerinde hyzmatdaşlygy mundan beýläkde ösdürmek işinde ýolgörkeziji bolup hyzmat etjek ylalaşyklar gazanyldy we teklipler beýan edildi. Şeýle hem Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň Türki söwda-senagat edarasynyň düzümine kabul edilmegi geljekde Türki Döwletleriň Guramasyna agza döwletleriň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek babatda bu binýady netijeli peýdalanmaga mümkinçilik berer.

Duşuşygyň dowamynda döwlet Baştutanymyz we myhman Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) bilen däp bolan gatnaşyklaryň okgunly häsiýetini kanagatlanma bilen bellediler. Şol gatnaşyklar türki halklaryň baý medeni mirasyny aýawly saklamaga, öwrenmäge we tutuş dünýäde wagyz etmäge gönükdirilendir. Bu medeni miras umumadamzat medeniýetiniň genjihazynasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň ýurdumyzda baýram edilmegi ara alyp maslahatlaşmalaryň esasy ugurlarynyň biri boldy. Beýik şahyryň eserleri tutuş türki dünýäniň gymmatlygy bolup durýar. Bellenilişi ýaly, şunuň bilen baglylykda, görnükli türkmen şahyrynyň edebi mirasyny öwrenmäge we dünýä ýaýmaga gönükdirilen köp sanly çäreleri geçirmek göz öňünde tutulýar. Türkmenistan Türki Döwletleriň Guramasynyň bu çärelere işjeň gatnaşmagyny goldaýar diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we bilelikdäki hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmak boýunça oňyn tekliplere garamaga taýýardygyny tassyklady.

TDG-niň giňişliginde özara gatnaşyklaryň geljegi barada pikir alyşmalaryň çäklerinde dürli ugurlarda, ilkinji nobatda, bilim, ylym, medeniýet ulgamlarynda maksatnamalaryň we taslamalaryň gerimini giňeltmegiň hyzmatdaşlygy üstünlikli ilerletmäge, ony anyk many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga ýardam etjekdigi bellenildi.

* * *

Şeýle-de, hormatly Prezidentimiz şol gün Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Baş sekretary Husraw Nozirini, Birleşen Milletler Guramasynyň Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasynyň Baş sekretary Zurab Pololikaşwilini we Halkara tennis federasiýasynyň prezidenti (HTF) Dewid Haggertini we Aziýanyň tennis federasiýasynyň prezidenti (ATF) Ýuriý Polskini kabul etdi.

# ÄNEW – TÜRKI DÜNÝÄSINIŇ MEDENI PAÝTAGTY

26-njy martda Ak bugdaý etrabynyň «Nowruz ýaýlasyndaky» «Türkmeniň ak öýi» binasynda Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli geçiriljek çärelere badalga berildi. «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» atly maksatnama türki halklaryň medeni mümkinçiliklerini açyp görkezmäge we olaryň mirasy bilen tanyşdyrmaga gönükdirilendir. Munuň özi her ýylda türki dilli ýurtlaryň dürli şäherleriniň döredijilik taryhyna ünsi çekmegi, şonuň esasynda-da baý medeni çäreleriň geçirilmegini göz öňünde tutýar we türki halklaryň taryhyň dowamynda emele gelen gatnaşyklaryna, medeniýet ulgamynda dowam etdirilýän hyzmatdaşlyga esaslanýar. 2024-nji ýyly «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly», gadymy Änew şäherini bolsa «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýip yglan etmek baradaky çözgüt Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) hemişelik geňeşiniň Türkiýe Respublikasynyň Bursa şäherinde geçirilen mejlisinde kabul edilipdi. «Gadymy Änew medeniýeti» atly halkara ylmy maslahata, «Türkmen topragy – gadymy siwilizasiýalaryň merkezi» atly metbugat maslahatyna, «Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmegiň esasy ugurlary we mümkinçilikleri» atly halkara maslahata gatnaşmak üçin Türki Döwletleriň Guramasynyň we onuň düzümine girýän Türki medeniýetiň halkara guramasynyň, Türki döwletleriň Parlament Assambleýasynyň, Türki medeniýetiň we mirasyň gaznasynyň, Halkara türki akademiýasynyň, TÜRKSOÝ-a agza hem-de synçy ýurtlaryň degişli ministrlikleriniň ýolbaşçylarydyr ylmy wekiliýetleri ýurdumyza geldiler.





«Türkmeniň ak öýi» binasynyň öňündäki meýdançada doganlyk ýurtlaryň her biri amaly-haşam sungatynyň, halk senetçiliginiň dürli görnüşlerini, hojalyk önümlerini we geçmişden galan beýleki gymmatlyklary görkezdi. Şeýle hem suratkeşleriň, şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň ussatlarynyň, türki halklaryň fotosuratçylarynyň eserleriniň sergisi ýaýbaňlandyryldy. Soňra giň gerimli baýramçylyk konserti guraldy. Onda Türkmenistanyň hem-de türki dilli ýurtlaryň sungat ussatlary çykyş etdiler. Sahnada ýaýbaňlandyrylan ajaýyp çykyşlaryň esasyny medeniýetleriň dialogy, halklaryň dostlugy baradaky garaýyşlar düzdi.

«Nowruz ýaýlasynda» guralan medeni çäre çuňňur taryhy kökleri we umumy däpleri bolan halklaryň medeniýetini baýlaşdyrýan gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge ymtylmalaryň aýdyň nyşany boldy.

### GADYMY ÄNEW MEDENIÝETI – ADAMZADYŇ GYMMATLY MIRASY

27-nji martda Änew şäheriniň medeniýet öýünde geçirilen «Gadymy Änew medeniýeti» atly halkara ylmy maslahat bu şäheriň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli guralýan çäreleriň esasylarynyň biri boldy.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh we arheologiýa instituty tarapyndan guralan wekilçilikli maslahata meşhur taryhçylar, arheologlar, etnograflar, Gündogary öwrenijiler, belli professorlar, ýaş alymlar, şeýle hem daşary ýurtlaryň, şol sanda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Türkiýäniň, Eýranyň, Russiýa Federasiýasynyň, Pakistanyň, Germaniýanyň, Azerbaýjanyň, Belarusuň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Özbegistanyň we beýleki döwletleriň muzeýleriniň wekilleri çagyryldy.

Çykyşlarda bellenilişi ýaly, Änew depeleri adamzat ýaşaýşynyň birnäçe gatlaklaryndan ybaratdyr. Olaryň her biri döwrüniň täsin aýratynlyklaryny özünde jemleýär. Änewiň ak bugdaýyň gadymy watanydygyny tassyklaýan bugdaý we arpa däneleriniň galyndylarynyň ýüze çykarylmagy haýran galdyryjy waka boldy. Bu açyş Merkezi Aziýanyň däneli ekinleriň ösdürilip ýetişdirilen dünýädäki ilkinji sebitleriniň biri bolandygyny öňe sürmäge şert döretdi. Şeýlelikde, Änew medeniýetiniň oturymly ekerançylyk bilen meşgullanan ilaty – gadymy ata-babalarymyz adamzat taryhynda däneli ekinleri ýetişdiren we bugdaý unundan çörek taýýarlan ilkinji halklaryň biri bolupdyr. ■ 2

## Parahatçylyk we ynanyşmak – halkara diplomatiýanyň täze başlangyçlary



Ata Watanymyzyň halkara abraýynyň täze belentliklere galýandygyny Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda bolup geçýän wakalar, daşary syýasatda durmuşa geçirilýän beýik işler bütin aýdyňlygy bilen subut edýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy bilen kabul eden taryhy resminamasyna laýyklykda, «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. ■ 3

## Änew medeniýetine bagyşlanan täze kitap

**Halkymyzyň örän baý we köptaraply taryhy-medeni mirasy bar. Ata-babalarymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda döreden medeni gymmatlyklary diňe bir sebitiň däl, eýsem, tutuş adamzat siwilizasiýasynyň ösüşine uly goşant boldy. Olaryň şol uzak asyrlaryň dowamynda döreden taryhy gymmatlyklary dürli-dürli ýadygärlikleriň görnüşinde biziň günlerimize gelip ýetdi. Sebitiň we onuň çäginde saklanyp galan iri ýadygärlikleriň taryhyny düýpli öwrenmek maksady bilen, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen 2022-nji ýylda «Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylary çekmegiň 2022–2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» kabul edildi.** ■ 3



## Beýik ösüşleriň şuglasy



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda her bir raýatyň syýasy, ykdysady, durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmek, döwletiň we jemgyýetiň demokratik kadalaryny, hukuk esaslaryny berkitmek babatdaky giň gerimli işler jemgyýetimiziň öňünde täze wezipeleri goýýar. «Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynda» hem Garaşsyz Watanymyzy mundan beýläk-de depginli ösdürmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini iň ýokary derejelere çykarmak ýaly belent wezipeler kesgitlenilýär. ■ 3

## Ýertitremä durnukly gökdirän



Tokioda «Mori JP Tower» atly gökdiräniň gurluşygy tamamlandy. Maglumatlara görä, Ýaponiýanyň iň beýik binalarynyň birine öwrülen 64 gatly diňiň beýikligi 325 metrden geçýär. Binanyň taslamasy «Pelli Clarke & Partners» binagärlik kompaniýasy tarapyndan işlenip düzüldi. ■ 4

## Dünýädäki täsin restoranlar



Fransiýada ilkinji restoranyň döremegi bilen Ýer ýüzünde köpçülikleýin naharlanylýan ýerleriň sany artyp başlaýar. Restoranlar köpeldigiçe-de, olaryň arasynda bäsdeşlik artyp, hyzmatlaryň hili ýokarlandyrylýar. ■ 5

## EURO 2024: ähli ýygyndylar belli boldy



Şu tomusda EURO 2024 futbol çempionatyna wekilçilik etjek soňky 3 ýygyndy hem belli boldy – Polşanyň, Ukrainanyň we Gruziýanyň ýygyndylary wekilçilik etmäge hukuk gazandylar. ■ 7

## Pariž 2024: futbol ýaryşlarynyň bijeleri çekildi



Şu ýylyň tomsunda Parižde geçiriljek Olimpiýa oýunlarynda futbol ýaryşlarynyň bijeleri çekildi. Erkekleriň arasyndaky futbol ýaryşyna 16 topar gatnaşar. ■ 8

# ÖZARA BÄHBITLI KÖPÝYLLYK HYZMATDAŞLYK GIŇELDILÝÄR



*27-nji martda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Koreýa Respublikasynyň işewür toparlarynyň wekilleri bilen duşuşygy boldy. Onda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljekki ugurlary bilen baglanyşykly meseleler gyzyklanma bildirilip ara alnyp maslahatlaşyldy.*

Gahryman Arkadagymyz myhmanlary mübärekläp hem-de olary ak mermerli Aşgabatda kabul etmäge şatdygyny belläp, koreýaly işewürleriň şu gezekki saparynyň özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmekde möhüm tapgyr boljakdygyna ynam bildirdi we däp bolan gatnaşyklary ilerletmek boýunça täze başlangyçlary durmuşa geçirmekde üstünlikleri arzuw etdi.

Şunuň bilen baglylykda, Halk Maslahatynyň Başlygy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» esasynda ýurdumyzy senagatlaşdyrmak babatda ägirt uly işleriň amala aşyrylýandygyna ünsi çekdi. Munuň özi koreýaly hyzmatdaşlar bilen özara gatnaşyklaryň täze ugurlaryny açýar.

«Hyundai Engineering Co., Ltd» kompaniýasynyň prezidenti, baş ýerine ýetiriji direktory Hoň Hýon Soň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik hem-de bildirilen myhmansöýerlik üçin hoşallygyny beýan edip, Gahryman Arkadagymyza Koreýa Respublikasynyň Milli Assambleýasynyň Başlygynyň we Türkmen-koreý dostluk toparynyň koreý tarapynyň ýolbaşçysynyň mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, 2022-nji ýylyň noýabrynda Koreýa Respublikasyna bolan saparyny we onuň çäklerinde geçirilen duşuşyklary ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny belledi. Şonda Koreýa Respublikasynyň Milli Assambleýasynyň Başlygy bilen geçirilen duşuşykda dostlukly döwletara dialogy mundan beýläk-de ösdürmek bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, ýokary derejede, şeýle hem Hökümetara, pudagara derejelerdäki saparlar, gepleşiklerdir duşuşyklar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň tutuş toplumyna kuwwatly itergi berýär.

Koreýaly işewür toparlaryň wekilleri dünýäde ygtybarly hyzmatdaş hökmünde tanalýan Türkmenistanda daşary ýurt kompaniýalarynyň netijeli işlemegi we bilelikdäki maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi üçin berk binýadyň döredilendigini belläp, durnukly ösüş ýoly bilen öňe barýan, ägirt uly ykdysady kuwwaty bolan ýurdumyz bilen hyzmatdaşlyk etmegiň özleri üçin uly hormatdygyny nygtadylar.

Gahryman Arkadagymyz koreýaly hyzmatdaşlaryň gatnaşmagynda dünýäde iň iri gaz ýataklarynyň biri bolan «Galkynyş» käninde kükürtden arassalaýjy zawodyň, Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda ýokary oktanly awtoulag benzinini öndürmek boýunça desganyň, Balkan welaýatynda polietilen we polipropilen gazhimiýa toplumynyň gurluşygynyň üstünlikli amala aşyrylandygyny kanagatlanma bilen belledi. Häzirki wagtda ikitaraplaýyn işewürlik gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykaryldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýändigini belläp, «Galkynyş» gaz känini özleşdirmek, şeýle hem Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan halkara gaz geçirijisiniň gurluşygyny işjeňleşdirmek boýunça hyzmatdaşlygy giňeltmegiň mümkinçiliklerine ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Arkadagymyz «Galkynyş» gaz käniniň dördünji tapgyryny özleşdirmek, ýurdumyzda ýaşlara koreý dilini öwretmek boýunça okuw merkezini gurmak bilen baglanyşykly teklipleri öňe sürdi.

Myhmanlar ägirt uly uglewodorod kuwwatyna eýe bolan Türkmenistanyň ýangyç-energetika pudagynda ýokary üstünlikleri gazanýandygyny we bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin amatly şertleri döredýändigini belläp, Koreýa Respublikasynyň kompaniýalarynyň ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli özgertmeleriň durmuşa geçirilmegine gatnaşmaga aýratyn gyzyklanma bildirýändiklerini aýtdylar.

Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen-koreý işewürlik hyzmatdaşlygynyň köpýyllyk tejribesiniň bardygyny, mawy ýangyjy çykarmak we gaýtadan işlemek bilen baglanyşykly uly meýilnamalary nazara almak bilen, uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin täze mümkinçilikleriň açylýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, bu ugurdaky taslamalaryň durmuşa geçirilmeginde öňdebaryjy innowasion işläp taýýarlamalaryň, ýokary tehnologiýalaryň ulanylmagy möhüm talap hökmünde kesgitlenildi.

Işewürler dürli ugurlarda hyzmatdaşlyk üçin ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyny belläp, Türkmenistanda amala aşyrylýan giň möçberli infrastruktura taslamalaryna gatnaşmaga taýýardyklaryny tassykladylar. Myhmanlar Gahryman Arkadagymyzyň beýan eden möhüm teklipleriniň doly öwreniljekdigini nygtap, olar boýunça degişli ylalaşyklaryň gazanyljakdygyna ynam bildirdiler. Şunuň bilen birlikde, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamagyň we tejribe alyşmagyň wajyp mesele bolup durýandygy aýdyldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri ýurdumyzda dünýä belli kompaniýalaryň köp sanlysynyň iş alyp barýandygyny belläp, desgalaryň gurluşygynda olaryň ýokary hil standartlaryna we ekologik kadalara laýyk gelmeginiň üýtgewsiz talap bolup durýandygyna ünsi çekdi. Bu ugurda koreý kompaniýalary özüni jogapkärçilikli hyzmatdaşlar hökmünde görkezdiler. Gahryman Arkadagymyz ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek üçin ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyny belläp, Türkmenistanyň hem koreý tarapynyň tekliplerine garamaga taýýardygyny aýtdy.

Koreýa Respublikasynyň işewür toparlarynyň wekilleri ýurdumyzyň çäginde bar bolan ýangyç we himiýa serişdeleriniň gaýtadan işlemek üçin ýaramlylyk derejesiniň ýokarydygyny nygtadylar. Bu bolsa netijeli bilelikdäki iş üçin möhüm şert bolup durýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri koreýaly hyzmatdaşlar bilen ýangyç-energetika, senagat pudaklarynda hyzmatdaşlyk üçin ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyny ýene-de bir gezek belläp, bu ugurdaky bilelikdäki taslamalaryň üstünlikli durmuşa geçiriljekdigine ynam bildirdi.

Gämigurluşyk pudagynda hem tagallalary birleşdirmek üçin giň mümkinçilikler bar. Mälim bolşy ýaly, «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody Koreýa Respublikasynyň «Koryo Shipbuilding Industry Technology Co., Ltd.» kompaniýasy bilen bilelikde ýük göterijiligi 6100 tonna bolan gury ýük gämileriniň ikisini gurmak barada şertnama gol çekdi. Bu ugurda degişli işler alnyp barylýar. Täze ülňä laýyklykda, zawodyň önümhanalarynda we önümçilik meýdançalarynda gaýtadan enjamlaşdyryş, ölçeg işleri geçirilýär. «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody üçin halkara ISO güwänamalaryny almak ugrunda çäreler görülýär. Şeýle hem ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça meselelere seredilýär.

Ulag-logistika, ýük howa gatnawlarynyň amala aşyrylmagy hyzmatdaşlygyň strategik ugurlarynyň hataryndadyr. Iki ýurduň arasynda ýolagçy howa gatnawyny ýola goýmak hem meýilleşdirilýär.

Myhmanlar söhbetdeşlik üçin Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Koreýa Respublikasynyň işewür toparlarynyň Türkmenistan bilen özara bähbitli köpýyllyk hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardyklaryny ýene-de bir gezek tassykladylar.

# ÄNEW – TÜRKI DÜNÝÄSINIŇ MEDENI PAÝTAGTY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Alymlaryň pikirine görä, Änew topragynyň her bir künjegi özünde bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyklary saklaýan hazynalar mesgenidir. Bu gymmatlyklar geljekde taryhyň henize çenli açylmadyk syrlaryny dünýä äşgär edip biler.





### TÜRKMENISTANDA SYÝAHATÇYLYGY ÖSDÜRMEGIŇ ESASY UGURLARY WE MÜMKINÇILIKLERI

27-nji martda paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda «Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmegiň esasy ugurlary we mümkinçilikleri» atly halkara maslahat geçirildi. Foruma halkara guramalaryň wekilleri, ýurdumyzyň, daşary döwletleriň bu ugurda ýöriteleşen kompaniýalarynyň, şol sanda Türkiýäniň, Gruziýanyň, Özbegistanyň, Azerbaýjanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Hytaýyň, Germaniýanyň, Ýaponiýanyň, Şwesiýanyň, Koreýa Respublikasynyň, Şri-Lankanyň ugurdaş düzümleriniň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşdylar.

Syýahatçylyk beýleki pudaklaryň köpüsi ýaly, diňe bir parahatçylykdan hem-de durnuklylykdan peýdalanman, eýsem, medeni aýratynlygy, mirasy gorap saklaýar we ösdürýär. Syýahatçylyk ugurlarynyň geografiýasyny giňeltmek we köpdürlüligini artdyrmak, hödürlenilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak, bu pudak üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak, täsirli maglumat-mahabat çärelerini alyp barmak, netijeli halkara gatnaşyklary ýola goýmak Türkmenistanyň syýahatçylyk toplumyny ösdürmek boýunça döwlet strategiýasynyň möhüm wezipeleridir. Şeýle hem Türkmenistanyň täsin tebigy künjeklerini we gözel ýerlerini ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizmek, myhmanhana, dynç alyş infrastrukturasyny ösdürmek boýunça degişli işler durmuşa geçirilýär. Forumda çykyş edenler bu ugurda uzak möhletleýin hyzmatdaşlygyň geljegine ünsi jemläp, häzirki wagtda bu ulgamyň ösmegi üçin döredilen ähli şertleri göz öňünde tutup, döwletimiziň daşary ýurtlarda syýahatçylyk mümkinçiliklerini ilerletmegiň zerurdygyny bellediler. Şeýle hem syýahatçylyk önümleriniň ähli görnüşini öz içine aljak «Bir syýahatçylyk – tutuş sebit» atly bilelikdäki maksatnamanyň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegi barada pikir alşyldy. Forumyň çäklerinde iş duşuşyklary geçirildi we degişli resminamalara gol çekildi, täze gatnaşyklar ýola goýlup, hyzmatdaşlygyň geljekki ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.

### TÜRKMEN TOPRAGY – GADYMY MEDENIÝETLERIŇ MERKEZI

28-nji martda paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda «Türkmen topragy – gadymy medeniýetleriň merkezi» atly metbugat forumy geçirildi. Oňa dünýäniň iri maglumat platformalarynyň we agentlikleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Forum dört bölümi öz içine alýar: «Türki medeniýetleriň birligi we onuň metbugatda tutýan orny», «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy», «Sanly media we habarlar», «Filmler, animasiýalar we kinofestiwallar».

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ugry boýunça halkara hyzmatdaşlar bilen ýola goýlan netijeli gatnaşyklary ösdürmek maksat edinilýän forumda daşary ýurtlaryň iri habarlar agentlikleriniň, belli elektron neşirleriniň, tele-radio kompaniýalarynyň, abraýly halkara guramalarynyň we düzümleriniň ýolbaşçylary hem-de wekilleri öz çykyşlarynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dünýä bileleşiginde hem-de halkara maglumatlar giňişliginde günsaýyn ýokarlanýan möhüm orny barada garaýyşlaryny beýan etdiler.



## Hytaý hemrasy Aýyň orbitasyna ýerleşdi

**Hytaýyň Aýyň ýüzündäki enjamlar bilen aragatnaşygy ýola goýmak üçin niýetlenen emeli hemrasynyň Aýyň orbitasyna ýerleşendigi mälim edildi. Ýurduň milli kosmos edarasy (CNSA) «Queqiao-2» atly emeli hemranyň uçurylandan soňra Aýyň 440 kilometr golaýynda orbita girendigi habar berildi. Mundan soňra emeli hemranyň beýikligi sazlanyp, degişli orbita ýerleşdiriler. 20-nji martda «Long March-8» göteriji raketa bilen uçurylan emeli hemra Hytaýyň kosmos tehnologiýasy akademiýasynyň (CAST) hünärmenleri tarapyndan işlenip taýýarlandy. Agramy 1,2 tonna barabar bolan emeli hemrada iki sany antenna bolup, biri Aýyň ýüzündäki gözleg enjamy, beýlekisi Ýere maglumat goýbermek üçin niýetlenen.**

**Jeren BORJAKOWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

## Tebigatda dargaýan plastik

Häzirki wagtda lukmançylyk enjamlary, sport-türgenleşik esbaplarynda, dürli oba hojalyk we beýleki ugurlarda ulanylýan gurallarda, garaz, islendik önümde diýen ýaly plastik bölegine duşmak bolýar. Önümçiliginiň aňsat, ýeňil we çeýe bolmagy plastikanyň iň amatly material bolmagyna sebäp bolýar.



Bir gezek ulanmaga niýetlenen plastik önümleri bolsa, has köp zibiliň döremegine getirýär. Gysga wagt ulanylýan bu plastik önümler gaýtadan işlenmedik ýagdaýynda daşky gurşawa zyýan ýetirip bilýär. Bilermenler bioplastigiň täze bir görnüşini öndürdiler. ABŞ-nyň San Diegodaky Kaliforniýa uniwersitetiniň alymlarynyň suwotudan taýýarlan «TPU-FC1» atly plastik önümi zibile taşlananda, 200 günüň dowamynda 97 göterime çenli dargaýar. Bu önümiň täjirçilik maksatly önümçiliginiň haçan ýola goýuljakdygy häzirlikçe belli däl.

**Muhammet ÝAGMYROW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Ýurdumyzyň demirgazyk sebitinde gowaça ekişine girişildi

Hormatly Prezidentimiziň 15-nji martda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde tassyklan tertibine laýyklykda, Daşoguz welaýatynyň ekerançylary gowaça ekişine girişdiler. Ýurdumyzyň demirgazyk sebitinde toprak-howa şertlerine laýyklykda, gowaça ekişi ýurdumyzyň beýleki sebitlerinden biraz giç başlanýar.

Ýaşulular gowaça ekişine ak pata berip, Beýik Biribardan abadançylyk, Watanymyzyň gülläp ösmegini, hormatly Prezidentimiziň döwletli tutumlarynyň rowaç bolmagyny dileg edip, ýörite taýýarlanan meýdanlara gowaça tohumlaryny atdylar. Soňra mehanizatorlar işe girişdiler.

Ýurdumyzyň obasenagat toplumynda durmuşa geçirilýän düýpli özgertmeleriň netijesinde, pudagyň kuwwatynyň barha artýandygyny bellemek gerek. Döwrebap önümçilik we hyzmat düzümleriniň döredilmegi, ýerasuw serişdeleriniň rejeli peýdalanylmagy, ekerançylyk medeniýetiniň ýokarlandyrylmagy bu özgertmeleriň esasy ugurlarydyr.

Daşoguz welaýatynyň ekerançylary, esasan, pagtanyň «Daşoguz – 120», «Daşoguz – 114», «Gubadag – 3», «Jeýhun», «S-4727», «F-149», «Ýolöten – 39» ýaly orta süýümli görnüşlerini ýetişdirýärler. Sebitiň meýdanlaryny ekişe taýýarlamak we gowaça ideg etmek üçin döwrebap tehnikalaryň, şol sanda dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalaryndan satyn alnan kuwwatly tehnikalaryň uly toplumy bar.



Ekijiler we beýleki oba hojalyk tehnikalary ekişiň bökdençsiz geçirilmegini üpjün eder. Welaýatda göçme ussahanalaryň, kebşirleýji enjamlaryň, ýangyç daşaýan awtoulaglar bilen üpjün edilen toparlaryň döredilmegi bolsa geljekki hasylyň ygtybarly binýadyny tutýan meýdan işleriniň bökdençsiz alnyp barylmagyna mümkinçilik berer.

**Rahym KADYROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Buker baýragynyň uzyn sanawy

Her ýyl iňlis dilinde ýazylan iň gowy romana berilýän Halkara Buker baýragynyň 2024-nji ýyldaky uzyn sanawy mälim edildi. Oňa geçen ýylyň 1-nji maýyndan bäri neşir edilen 149 kitapdan 13-si saýlandy. Žurnalist Eleonora Wahtel, şahyr Natali Dias, ýazyjy Romeş Gunesekera, wizual suratkeş Wilýam Kentrij, ýazyjy Aaron Robertson emin agzalary boldular. Dalaşgärlige hödürlenenleriň arasynda Selwa Almadanyň «Not a River» (Derýa däl), Jenni Erpenbekiň «Kairis» (Kairos), Iýa Genbergiň «The Details» (Jikme-jiklik), Ursula Gonekiň «White Nights» (Ak gijeler) ýaly eserleri girizilipdir. Ýeňiji bolan ýazyjy we terjimeçi 50 müň funt sterling pul baýragyny öz aralarynda paýlaşar, gysga sanawdaky kitaplaryň awtorlary we terjimeçisi bolsa, 5 müň funt sterling möçberindäki pul baýragyna mynasyp bolar.




**Begenç ANNAÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Mart aýynyň 29-y, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113686
Belgisi: 13/1579
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Beýik ösüşleriň şuglasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň 22-nji fewralda geçirilen mejlisinde bu Maksatnamany üstünlikli durmuşa geçirmek boýunça «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýerine ýetirilmeli işleriň esasy ugurlary boýunça çäreleriň Meýilnamasy ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şol Maksatnamalar esasynda milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny, şol sanda senagat we gurluşyk önümçiligi pudagyny ösdürmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar. Senagat we gurluşyk önümçiligi pudagy Diýarymyzda alnyp barylýan gurluşyklary hem-de ilatymyzy zerur bolan ýokary hilli gurluşyk önümleri bilen üpjün edýär. Ýakynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Köýtendag etrabynda ýerleşýän Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyry ulanylmaga berildi. Bu kärhana 38 sany binadan we desgadan ybarat bolup, dünýä standartlaryna doly laýyk gelýän, şol sanda sulfata (duza) durnukly ýokary hilli sement önümleriniň ýylda 1 million tonnasyny öndürmäge ukyplydyr. Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynda 250-ä golaý işgäriň zähmet çekmegi üçin ähli zerur önümçilik we durmuş şertleri döredilendir.



Watanymyzyň öňünde durýan uly wezipeler we olary amala aşyrmagyň ýollary kabul edilen maksatnamalarda, şol sanda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda», şeýle hem «Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynda» anyk kesgitlenendir. Şunda döwlet Baştutanymyz tarapyndan durmuşa geçirilýän toplumlaýyn, ylmy taýdan esaslandyrylan özgertmeler strategiýasynyň durmuş ugurlydygyny bellemelidiris. Watanymyzyň ägirt uly kuwwatynyň netijeli peýdalanylmagynda ykdysady we durmuş şertleriniň ýakyn arabaglanyşygyna aýratyn üns berilýär. Senagatyň dürli ugurlarynda, gazhimiýa pudagynda, ulag-kommunikasiýa toplumynda we beýleki pudaklarda ýurdumyzyň eksport kuwwatlyklaryny ýokarlandyrmaga, halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen taslamalar amala aşyrylýar. Şunda döwlet goldawynyň giň ulgamy bilen üpjün edilýän hususy telekeçilige hem möhüm orun degişlidir. Häzirki wagtda kiçi we orta işewürligiň wekilleri halk hojalygynyň dürli pudaklarynda netijeli iş alyp barýarlar. Paýtagtymyzda we sebitlerde ähli zerur şertler üpjün edilen ýokary amatlykly ýaşaýyş jaýlarynyň we şäherçeleriň gurluşyklary amala aşyryldy. Ýokary tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan täze mekdepleriň, çagalar baglarynyň, medeniýet öýleriniň, saglygy goraýyş we senagat desgalarynyň onlarçasy ulanmaga berildi. Kanun esasynda döwlet ähmiýetli şäher diýen aýratyn hukuk derejesine eýe bolan, geçen ýylyň iýunynda açylyp ulanmaga berlen Arkadag şäherini şeýle taslamalaryň hatarynda görkezmek bolar. Merkezi Aziýa sebitinde deňi-taýy bolmadyk bu ägirt uly taslamanyň durmuşa geçirilmegi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysady kuwwatynyň aýdyň nyşanyna öwrüldi.

**Mekan NURYÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# Parahatçylyk we ynanyşmak – halkara diplomatiýanyň täze başlangyçlary

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» ähliumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, hemişelik Bitaraplyk hukuk derejämizi iş ýüzünde amala aşyrmak, daşary ykdysady gatnaşyklary giňeltmek, durnukly ösüşe hemmetaraplaýyn ýardam bermek, halkara gatnaşyklary ösdürmek ýaly möhüm wezipeleri ýerine ýetirmäge gönükdirilendir. Konsepsiýada öňde goýlan wezipeler esasynda dünýäde parahatçylyk söýüjilik diplomatiýasyny alyp barýan ýurdumyz halkara derejede dostluk we ynanyşmak ýörelgelerini üpjün etmek üçin tagallalaryny gaýgyrmaýan, netijeli, deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň tarapdary bolan döwlet hökmünde çykyş etmek bilen, dünýäde oňyn gatnaşyklaryň ösdürilmegine uly goşant goşýar. Türkmen döwletiniň öňe sürýän başlangyçlarynyň, teklipleriniň düýp özeninde şol maksatlar durýar. Munuň özi berkarar Watanymyzyň ýöredýän daşary syýasatynyň asyrlardan aşyp gelýän hoşniýetlilik we dost-doganlyk ýörelgelerine, netijeli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna esaslanýandygyny görkezýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda alnyp barylýan işleriň dünýä ykrarnamasyna eýe bolmagy ýurdumyzyň bitaraplyk ýörelgelerine ygrarlydygynyň kepiline öwrülýär. Türkmenistanyň dünýä boýunça möhüm meseleleriň çözülmegine ýakyndan ýardam edýändigini ýurdumyzyň bu ugurda alyp barýan işleri açyk-aýdyň subut edýär. Döwlet Baştutanymyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň geçen ýylyň 19-njy sentýabrynda geçirilen 78-nji sessiýasyna gatnaşmagy we onuň belent münberinden sebit we ähliumumy derejedäki wajyp meseleler boýunça berkarar ýurdumyzyň ileri tutulýan garaýyşlaryny, ähliumumy abadançylygyň, ösüşiň bähbitlerine laýyk gelýän netijeli halkara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmäge gönükdirilen täze başlangyçlaryny beýan etmegi



ýurdumyzyň daşary syýasatynyň halklaryň bähbidine gönükdirilýändigine güwä geçýär.

Ýurdumyzyň 2023–2027-nji ýyllar üçin ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport boýunça hökümetara komitetiniň agzalygyna, şonuň ýaly-da BMG-niň Ilat we ösüş boýunça komissiýasynyň 2024–2028-nji ýyllar üçin agzalygyna saýlanylmagy bolsa, ýurdumyza bildirilýän uly ynamdyr, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanyp, halkara derejede alyp barýan beýik işleriniň hem-de Watanymyzyň dünýä dolýan mertebesiniň we at-abraýynyň belent ykrarnamasydyr.

Ýurdumyz parahatçylygy döredişi döwlet hökmünde bütin dünýäde giňden tanalýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň we milli Liderimiziň taýsyz tagallalary bilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň alyp barýan daşary syýasaty, halkara gatnaşyklarynda tutýan maksatly ýoly Ýer ýüzünde parahatçylygyň ösüşi üçin ýetmäge uly goşant goşýar. Hut şeýle bolansoň ýurdumyz tarapyndan alnyp barylýan içeri we daşary syýasat BMG-niň ileri tutulýan maksatlaryna we wezipelerine doly laýyk gelýär we dünýäde iň uly abraýly halkara guramasy Türkmenistanyň esasy hyzmatdaşy bolup çykyş edýär. Soňky ýyllarda Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy hem-de onuň halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşýär. Geljegi uly bolan täze ugurlaryň peýda bolmagy bilen hyzmatdaşlygyň çägi barha giňeldilýär. Şeýle bolansoň ýurdumyz häzirki wagtda dünýä döwletleriniň 151-si hem-de 40-dan gowrak halkara guramasy bilen hyzmatdaşlyk edýär. Dünýä bileleşige Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwlet hökmünde goşulmak bilen, Türkmenistan dünýä halklary bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny has-da pugtalandyrýar. Ýurdumyz Bitaraplyk şertlerinde «Açyk gapylar» syýasatyny ýöredip, sebitde we dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge işjeň gatnaşýan, BMG-niň maksatlaryny we wezipelerini amala aşyrmaga ýardam edýän döwlete öwrüldi.

**Sähet KULIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# Änew medeniýetine bagyşlanan täze kitap

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň saýasynda, köp müňýyllyklara utgaşyp gidýän taryhymyzyň naýbaşy gymmatlyklaryny özünde jemleýän taryhy ýadygärliklerimizi düýpli öwrenmek, olary geljekki nesillerimize ýetirmek boýunça döwlet derejesinde uly işler amala aşyrylýar. Munuň aýdyň subutnamasy hökmünde, 2024-nji ýylyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýlip atlandyrylmagy hem-de Türki medeniýetiň halkara guramasyna (TÜRKSOÝ) agza döwletler tarapyndan gadymy Änew şäheriniň şu ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi sözüň doly manysynda taryhy wakadyr.




Golaýda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hormatly Prezidentimiz taryhda rysgalbereketli türkmen topragynyň uly ösüşleri başdan geçirendigini belläp, Watanymyzda dünýä belli W.Masson, R.Pampelli, W.Sarianidi ýaly alymlardyr arheologlaryň halkymyzyň şöhratly geçmişi bilen bagly birnäçe açyşlary edendigine ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, Gahryman Arkadagymyza olar bilen, şeýle-de olaryň nesilleri bilen işleşmek, ýurdumyzyň dürli künjeklerine arheologlaryň saparlaryny guramak, umuman, gazuw-agtaryş işleri bilen bagly guramaçylyk işlerini alyp barmak miýesser etdi. Milli Liderimiziň taryhy çeşmelerden getiren maglumatlary täze kitabyň döremegine ýakyndan ýardam berdi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitabyny ýazyp tamamlandygyny habar berdi. Bu kitap «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda mähriban halkymyza özboluşly sowgat boldy.

Şeýle hem bu gymmatly eseriň Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli geçiriljek çärelere badalga bermek dabarasynyň öň ýanynda çapdan çykmagy, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzyň halkara abraýyny artdyrmak babatda başyny başlan işleriniň Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan mynasyp durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň güwäsidir.

Hormatly Prezidentimiziň Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli geçiriljek çärelere badalga bermek dabarasyna gatnaşyjylara iberen Gutlagynda: «Türkmen halkynyň şöhratly taryhynda özboluşly orny eýeleýän Änew şäheri milli medeni we taryhy ýadygärlikleri özünde jemleýän gadymy şäherleriň biridir. 1904-nji ýylda Änewiň arheologik depelerinde geçirilen gazuw-barlag işleri bu ýerde eneolit döwründe ýaýran ekerançylyk medeniýeti barada köp sanly gymmatly maglumatlary ýüze çykardy. Şol gazuw-barlag işleriniň dowamynda ýadygärligiň bu döwre degişli medeni gatlaklarynda gadymy desgalaryň diwar galyndylary, zähmet gurallary, keramika önümleri bilen bir hatarda, ak bugdaýyň däneleri hem ýüze çykaryldy» diýip bellenýär.

Arkadagly Serdarymyzyň «Gadymy Änewiň täsinligi», «Taryhy birleşdirýän uly wakalar», «Ahal ýaýlasynda gadymy Änewiň şöhratly ýoly dowamata uzaýar» atly baplardan hem-de «Rowaýata öwrülen geçmiş», «Gatar – Bagabat – Änew», «Gadymy Änew medeniýeti», «Änewiň arheologik däpleriniň öwrenilişiniň taryhyndan», «Änew medeniýeti we türki dünýä», «Geçmişiň syry galan toprak», «Watan hakyndaky müdimi owaz» atly bölümlerden ybarat bolan kitaby taryhy maglumatlaryň üsti bilen türkmen halkynyň şanly geçmişini dabaralandyrýar.

Döwlet Baştutanymyzyň bu kitabynyň diňe bir ýurdumyzyň ylmy-edebi hazynasynda däl-de, dünýä jemgyýetçiliginiň ylmy hazynasynda orun aljakdygyny ynamly aýdyp bolar.

**Ogulbagt GULOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# Nebitgaz pudagyna daşary ýurt maýa goýumlary çekiler

Uglewodorod serişdeleriniň ägirt uly gorlaryna eýe bolan Türkmenistanyň nebitgaz pudagyna maýa goýumlary işjeň çekmäge, iri daşary ýurt kompaniýalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga we ösdürmäge, önümçiliklere ylmyň soňky gazananlaryny ornaşdyrmaga uly ähmiýet berilýär. Muňa şu ýylyň 24-25-nji aprelinde Parižde nebitgaz pudagyna daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça geçiriljek halkara göçme forumy hem aýdyň mysaldyr.

Uglewodorod serişdeleriniň gorlary boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýän ýurdumyz tebigy baýlyklaryny, türkmen halkynyň hem-de beýleki halklaryň bähbidine gönükdirmäge we sebitde ykdysady durnuklylygy üpjün etmäge çalyşýar. Bu ugurda birnäçe iri taslamalar durmuşa geçirilýär.

Öňde boljak forum energetika ulgamyny mundan beýläk-de durnukly ösdürmek boýunça gyzyklanma bildirýän daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň ähli bilen gatnaşyklary pugtalandyrmaga hem-de ýurdumyzyň ýangyç-energetika pudagyna daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmegiň mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilendir. Foruma ýurdumyzyň ýangyç-



energetika ulgamynyň edaralarynyň, daşary ýurtlaryň meşhur nebitgaz işewürlik düzümleriniň, maliýe institutlarynyň, abraýly halkara guramalaryň, öňdebaryjy kompaniýalaryň ýolbaşçylarydyr wekilleri we bu ugurda ýöriteleşen bilermenler gatnaşarlar.

Göçme maýa goýum forumynyň çäklerinde geçiriljek iki günlük halkara maslahatyň gün tertibine tebigy serişdeleri netijeli peýdalanmak, energetika bazarlarynyň ösüşi, Hazar deňziniň türkmen bölegininiň deňiz toplumlaryny özleşdirmäge degişli taslamalara maýa goýumlary çekmek, «Galkynyş» gaz känindе öndürijiligi ýokarlandyrmak babatda özara hereketleriň täze gurallary, ekologiýa taýdan howpsuz önümçilikleri ornaşdyrmak, pudaga täze tehnologiýalary we nou-haulary çekmek ýaly möhüm meseleler giriziler.

Diýarymyzda tebigy gazy turbageçirijiler arkaly eksport etmegiň mümkinçilikleri bilen çäklenilmän, ony diwersifikasiýalaşdyrmak babatda gaýtadan işleýän senagata hem üns berilýär. Soňky ýyllarda amala aşyrylýan taslamalar, gurulýan desgalar muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Gyýanly polimer zawody, Ahaldaky gazdan benzin öndürýän zawod diňe bir sebitde däl, eýsem, dünýäde-de iň iri önümçilik desgalarynyň hatarynda durýar. Iri gaz ýatagy bolan «Galkynyş» känini tapgyrlaýyn özleşdirmek işleri giň gerimde alnyp barylýar. Bu gaz känini daşary ýurt maýa goýumlarynyň hasabyna özleşdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Hazar deňziniň türkmen böleginde ýerleşýän ygtyýarlandyrylan deňiz toplumlaryny Önümi paýlaşmak hakynda şertnama esasynda, daşary ýurt maýa goýumlarynyň hasabyna özleşdirmek hem möhüm meseleleriň biri bolup durýar.

Geçen ýylyň 26-27-nji aprelinde Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde Türkmenistanyň nebitgaz pudagyna daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara göçme forum üstünlikli geçirildi.

Fransiýa Respublikasynda bolsa, şeýle forum ilkinji gezek gurulýar. Forumda milli ykdysadyýetimiziň energetika, gurluşyk we senagat, ulag-aragatnaşyk pudaklaryndaky maýa goýum taslamalary bilen tanyşdyrmaga aýratyn üns berler.

**Aýlar ALLEKOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# Pyragy – dünýä halklarynyň şahyry

*Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygynyň baýram edilmeginiň çäklerinde köp sanly çärelere giň gerim berildi. Häzirki wagtda Magtymguly Pyragynyň şygyrlary täzeçe öwüşginde ýaňlanyp, halkara ynsanperwer hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda türkmen halkynyň hoşmeýilli erkiniň nyşanyna öwrüldi. Akyldar şahyryň döredijilik mirasy bahasyna ýetip bolmajak milli baýlykdyr we dünýä medeniýetiniň hazynasynyň aýrylmaz bölegidir. Onuň şygyrlary adamlaryň kalbynyň töründen orun alýar.*

*Häzirki wagtda türkmen halkynyň beýik söz ussadynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalary tarapyndan geçen ýyldan başlap, Türkiýede, Azerbaýjanda, Gruziýada, Ukrainada, Özbegistanda, Gyrgyzystanda, Rumyniýada, Russiýada, Koreýa Respublikasynda, Ermenistanda, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda, Ýaponiýada, Eýranda, Pakistanda, Hindistanda, Germaniýada, Ispaniýada, Beýik Britaniýada ylmy maslahatlar, döredijilik hepdelikleri, duşuşyklar, filmleriň we wideoşekilleriň görkezilişleri, edebiýat agşamlary we bäsleşikler guraldy.*

*Şeýlelikde, akyldar şahyra bagyşlanyp geçirilýän çäreler we meýilleşdirilen baýramçylyk dabaralary beýik söz ussadynyň şöhratyny artdyrmaga, döredijiligini dünýä jemgyýetçiligine has giňişleýin tanatmaga mümkinçilik berýär.*

*Aşgabat şäherinde «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly döredijilik festiwaly geçirildi. Festiwalyň esasy maksady akyldar şahyryň döredijilik mirasyny çuňňur öwrenmek, ýaş nesli watançylyk, ynsanperwerlik, agzybirlik we şygryýetinde beýan edilen beýleki ahlak gymmatlyklary ruhunda terbiýelemek, ýaşlaryň döredijilik işjeňligine itergi bermek bolup durýar.*

*Ýaňy-ýakynda «Ylym» neşirýaty tarapyndan «Müň manyly Magtymguly» atly täze kitap çap edildi. Kitapda Magtymgulynyň şygryýetinde jemlenen müňde bir manynyň arasynda, esasan, şahyryň astronomiýa, geografiýa, lukmançylyk, zoologiýa, botanika, himiýa, janly we jansyz tebigat bölejikleriniň arasyndaky baglanyşygy gozgaýan ylmy-tebigy düşünjeler barada beýan edilýär. Şol düşünjeler hem kitabyň esasy mazmunyny emele getirýär.*



*Eserlerinde watançylyk, maşgala ojagyna wepalylyk, däp-dessurlara hormat goýmak, edermenlik we bitewülik ýaly gymmatlyklary hem häsiýetleri wasp eden akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy türki halklarda hem giňden bellenilýär. TÜRKSOÝ tarapyndan 2024-nji ýyly «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýip yglan etmek baradaky karary bilen Pyraga bagyşlanan dabaralara badalga berildi.*

*Mälim bolşy ýaly, Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumy BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizildi. Mundan başga-da, şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygy 2024-2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň sanawyna goşuldy.*

*Ýurdumyzyň diplomatik wekilhanalarynyň guramagynda dünýäniň dürli ýurtlarynda Magtymguly Pyraga bagyşlanan dabaralar giň gerime eýe boldy. Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde, Hytaýyň paýtagty Pekinde, Fransiýanyň Mezon-Laffit şäherinde, Singapuryň ýokary okuw mekdebinde Magtymguly Pyraga bagyşlanan dabaralar geçirildi. Şol dabaralarda edilen çykyşlarda Magtymguly Pyragynyň eserleriniň adamzadyň ruhy mirasydygy aýratyn nygtalyp geçildi. Ýokarda agzalan ähli çäreleriň dowamynda Türkmenistanyň häzirki daşary syýasatynda Magtymgulynyň öz döwründe wagyz eden ýörelgeleriniň hem beýanyny tapýandygy bellenildi. Onuň arzuwlary we taglymlary ýurdumyzda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan özgertmeleriň mazmuny bilen sazlaşykly utgaşýar.*

*Şeýlelikde, akyldar şahyra bagyşlanyp geçirilýän çäreler we meýilleşdirilen baýramçylyk dabaralary beýik söz ussadynyň şöhratyny artdyrmaga, döredijiligini dünýä jemgyýetçiligine has giňişleýin tanatmaga, onuň zehininiň çuňlugyny we özboluşlylygyny açyp görkezmäge, Ýer ýüzünde parahatçylyk, ynanyşmak medeniýetini ösdürmegiň möhüm şerti bolup durýan netijeli ynsanperwer dialogy, dostluk gatnaşyklaryny, halklaryň arasyndaky düşünişmegi pugtalandyrmaga gönükdirilendir.*

***Baýmämmet AŞYRMÄMMEDOW,***
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Akyldar şahyryň goşgulary – edebi hazyna

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her ýyly täze ösüşlere beslenýär. Bu döwürde ýurdumyzda her ýyly döwrebap atlandyrmak üçin ýylyň şygary yglan edilip, nyşanynyň kabul edilmegi şol ýylyň çärelerini, jemgyýetiň ruhy ahwalyny çeper beýan edýär. 2024-nji ýylyň şygary Gahryman Arkadagymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýen kämil goşgusynyň adyny göterip, ýylyň esasy wakasy bilen utgaşyp gidýär. Nesip bolsa, bu ýyl akyldar şahyrymyzyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli giň gerimli çäreler geçiriler.*

*Häzirki döwürde şöhratly taryhymyz, maddy hem-de ruhy mirasymyz ylmy esasda düýpli öwrenilýär. Şahyryň şygyrlaryny okanyňda, onuň ylmyň dürli ugurlaryndan giň düşünjesiniň bolandygyny görüp bolýar. Şahyr «Kitap okan gullar magnydan dokdur» diýip, okamagy, öwrenmegi wagyz edipdir.*

*Özüniň ölmez-ýitmez edebi mirasy – şygyrlary bilen bütin dünýä tanalýan söz ussadynyň döredijiligi umumadamzat bähbidini goldaýan pikirleri bilen ähmiýetlidir. Parasatly halkymyz şahyryň döredijiligine akyl-paýhas jemlenen miras hökmünde uly ähmiýet beripdir. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň edebi hazynasynda Magtymguly Pyragynyň goşgularynyň 300-e golaý golýazma nusgalary saklanyp, şahyryň döredijiligini ylmy taýdan öwrenmekde önjeýli işler alnyp barylýar. Şol golýazmalaryň 80-e golaýy Magtymgulynyň bitewi diwanydyr.*

*Magtymguly Pyragynyň watançylyk, ahlak päkligi, söýgi, mertlik, özbaşdaklyk, agzybirlik, myhmanparazlyk, zenan mertebesi, zähmetsöýerligi, salyhatlylygy barada aýdan pikirleri biziň günlerimize täze şöhle bilen şugla saçýar. Hut şu sebäbe görä, halkymyzda şahyryň şygyrlary nakyldyr atalar sözi hökmünde kalplara nagyşlanyp, dilleriň senasyna öwrüldi. Magtymguly Pyragynyň ynsanperwer garaýşy öz halkyna bolan çäksiz söýgüsiniň üsti bilen ýüze çykýar.*

*Akyldar şahyr söz terbiýesi hakynda soňsuz baý edebi miras galdyrdy. Olarda hoşsözli, dogry sözli, ýerini bilip sözlemek, sözüňde durmak ýaly söz terbiýesine degişli gymmatly pikirler bar. Şahyr «Delalat ýagşy» atly goşgusyny: «Asla adamzada ajy söz urmaň» diýip, başlamak bilen, hiç bir ynsana ynjydyjy sözleri aýtmazlygy öwüt berýär. «Bir gamly görende şirin söz bergil» diýip, dertli adama hoş sözleri aýdyp, onuň göwnüni galkyndyrmagy maslahat berýär. Hoş söz baradaky garaýyşlar şahyryň gyzyldan gymmatly döredijiliginde uly orun eýeleýär. Ol ynsanlaryň hemişe birek-birege ýagşylyk etmeklerini, alkyş almaklaryny isläpdir. Şahyr goşgy setirlerinde uly bolsun, kiçi bolsun, adamlaryň ýagşy sözlerden hoş bolýandygyny nygtaýar.*



*Şahyr berkarar döwleti arzuw etmek bilen, ynsan mertebesini belende götermegi öz goşgularynyň üsti bilen çeper beýan edipdir. Magtymguly Pyragynyň ynsanperwer pikir-garaýyşlary berkarar ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň esaslaryny düzýär. Akyldaryň adama hormat-sarpa goýmak we onuň mertebesini ýokary tutmak ýörelgesi Esasy Kanunymyzda: «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr. Adamy goramak, goldamak we oňa hyzmat etmek döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipeleridir» diýlip kesgitlenilmegi, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwer şygary bilen dabaralanýar.*

*Magtymgulynyň adamzadyň ruhy päkligini has-da dabaralandyrýan goşgy setirleri, haýsy ýaşda okasaňam, özüne bendi edýär. Munuň özi olaryň ruhy gymmatlyga öwrülendiginiň nyşanydyr. Söz ussadynyň many-mazmuna baý çeper goşgulary adamzat jemgyýetini watansöýüjilige, agzybirlige, ruhubelentlige, mertlige, edermenlige, ar-namyslylyga, halallyga, adamkärçilige çagyrýar. Dana şahyrymyzyň kalba ýakyn, halkyň ýüreginde ebedilik orun alan ajaýyp goşgulary nesilden-nesle geçip, aňymyzda we kalbymyzda ýaşaýar. Onuň baý döredijilik mirasy söze sarpa goýýan adamlara gymmatly edebi hazynadyr.*

*Gahryman Arkadagymyz «Mähriban türkmen topragymyzyň hakyky watançysy, joşgunly we şirin zybanly Magtymguly Pyragynyň şygyr diwanlary nesillerde watansöýüjiligi, ynsanperwerligi terbiýelemekde gymmatly ruhy çeşmedir» diýip belläp geçýär. Goý, beýik şahyra hormat-sarpa goýýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, il-ýurt ähmiýetli tutumly işleri rowaç bolsun!*

***Aýsoltan ATAÝEWA,***
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Ýene-de finler öňde barýar.** Finlýandiýa yzygiderli ýedinji ýyl dünýäde iň bagtly ýurt



diýlip ykrar edildi. Bu barada BMG-niň bagt baradaky bütindünýä beýanatynda bellenilýär. Sanawda Demirgazyk Ýewropa ýurtlary öňdäki orunlary eýelediler – Daniýa ikinji, Islandiýa üçünji, Şwesiýa dördünji boldy.

**Adampisint robotlar işläp başlar.** «Mercedes-Benz» awtoulag zawodlarynda iş-



läp başlajak adampisint robotlar awtoulaglaryň gurnama hatarlaryna ätiýaçlyk şaýlaryny daşarlar. «Apptronik» amerikan kompaniýasynyň «Apollon» modelli adampisint robotlary 25 kilograma çenli ýük göterip bilýär. Robotyň beýikligi 170 santimetre, agramy 73 kilograma deň.

**Rekord derejede ulag satdy.** Geçen ýyl italýan ulag öndürijisi «Lamborghini»-niň ýyllyk



iberişleri ilkinji gezek 10 müňden geçdi. Bu barada kompaniýanyň metbugat beýanatynda aýdylýar. «Lamborghini» 2023-nji ýylda dünýäde 10 müň 112 awtoulag satyp, girdejileri 2,66 milliard ýewro (2,91 milliard dollar) deň boldy.

**Iň güýçli çip hödürlendi.** ABŞ-ly hünärmenler dünýäniň iň kuwwatly çipini hödürle-



diler. Ol öňkülere garanyňda, ýumuşlary 30 esse çalt ýerine ýetirýär. Programma üpjünçiligi 4 trillion elektrik geçirijilerden ybarat. Bu bolsa, millisekuntda maglumatlaryň uly möçberini işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýär.

**Robot it synagdan geçirildi.** Ispaniýanyň Malaga şäheriniň köçelerine robot it gö-



zegçilik eder. Ol ýol hereketiniň düzgün bozulmalaryny ýüze çykarmakda polisiýa işgärlerine ýardam berer. Robot it Malaga uniwersitetiniň alymlary tarapyndan işlenip düzüldi. Onlaýn dolandyrylýan robot it geljekde emeli aňa birikdiriler.

**Iň uzyn asma howuz gurlar.** Saud Arabystanynda uzynlygy 450 metr bolan iň uzyn



asma howuz gurlar. Bu barada taslamanyň web sahypasynda aýdylýar. Taslama Neom atly täze şäher gurmak meýilnamasynyň çäklerinde hödürlendi. Bu howuz Agaba aýlagynda guruljak Treýam myhmanhana toplumynyň üçeginde peýda bolar.

**Sürüjisiz awtoulaglar üçin ilkinji ýol.** Hytaýda sürüjisiz awtoulaglar üçin ilkinji ýol



açyldy. Uzynlygy 205 kilometr bolan ýol Şanhaýyň täze Pudun etrabynda ýerleşýär. Ol 30 kompaniýa tarapyndan işewürlik maksady bilen ulanylar. Kompaniýalar häzir bu ýolda 800 töweregi sürüjisiz ulaglary synagdan geçirýärler.

**Gary eredýän beton.** Amerikan inženerleri öz-özünden gyzýan betonyň täze görnüşi-



ni hödürlediler. Gyş aýlarynda şeýle örtük ýollardaky gary özbaşdak eredip biler. Munuň syry beton doňanda oňa ýylylyk bölüp çykarýan parafiniň goşulmagydyr. Şeýle betonyň ulanylmagy awtoulag ýollaryna bolan garaýşy bütinleý özgerder.

**Rekord bahadan satyldy.** Stiw Jobsuň goly goýlan seýrek «Apple Computer» wizit



kartoçkasy Bostonyň «RR Auction» auksionynda 180 müň dollara satyldy. 1983-nji ýyl bilen senelenýän wizit kartoçkada «Apple»-iň şol wagtky logotipi, kompaniýanyň salgysy hem-de Stiw Jobsuň müdirler geňeşiniň başlygy hökmünde ady bar.

**Emeli aň alypbaryjy boldy.** Emeli aň Koreýa Respublikasynyň Çedžu şäherindäki ýerli



habarlar gepleşiginiň alypbaryjysy boldy. Synag üstünlikli geçen halatynda, beýleki teleýaýlymlar hem bu tejribäni ulanmakçy. Emeli aň tarapyndan döredilen gyzyň diňleýjilere okaýan teksti hem çat-bot tarapyndan ýazylýar.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1940-njy ýylyň 29-njy martynda Angliýa banky galplyklara garşy täze ýokary howpsuzlyk derejeli ilkinji kagyz pullaryny çykardy. Şol pursatdan başlap, banknotlaryň çap edilen kagyzyna inçejik metal sapaklar girizilip başlandy. Ilkinji kepillendirilen pul 1 funt sterling we 10 şilling boldy. Banknotlaryň dizaýn elementleri we reňki üýtgedildi.**



## IKINJI TAPGYRY GEÇIRILER

23-nji martda Slowakiýada geçirilen Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyryna gatnaşanlaryň hiç biri 50 göterimden köp ses alyp bilmedi. Şonuň üçin 6-njy aprelde ýurtda saýlawlaryň ikinji tapgyry geçiriler. Slowakiýanyň Statistika gullugynyň maglumatlaryna görä, ýurduň daşary syýasat edarasynyň öňki başlygy Iwan Korçok 41,71 göterim ses bilen birinji tapgyryň lideri boldy. Has köp ses almagyna garaşylan Slowakiýanyň parlamentiniň başlygy we dolandyryjy koalisiýanyň düzümine girýän Slowakiýanyň «Glaz» partiýasynyň dalaşgäri Piter Pellegrini bolsa, saýlawçylaryň 37,53 göterim goldawyna eýe boldy.

Saýlawlara gatnaşyk 51,5 göterim boldy. Statistika gullugynyň maglumatlaryna görä, ýurtda 4,33 milliondan gowrak adamyň ses bermäge hukugy bolup, olar üçin 5,9 müň saýlaw uçastogy açyldy. Slo-



wakiýanyň Prezidenti bäş ýyl möhlet bilen ähliumumy köpçüligiň ses bermegi bilen saýlanýar. Saýlawlara 10 dalaşgär gatnaşdy. Slowakiýanyň taryhynda ilkinji zenan Prezident Zuzana Çaputowa häzirki saýlawlara gatnaşmazlyk kararyna geldi. Ol 2019-njy ýyldan bäri bu wezipäni eýeläp gelýär. Slowakiýada prezidentiň wezipesi, adatça, wekilçilikli häsiýete eýe bolup, ýurdy Premýer-ministr dolandyrýar. Geçen ýylyň 30-njy sentýabrynda «Sosial demokratiýa ugry» partiýasynyň başlygy Roberto Fiso ýurtda geçirilen parlament saýlawlarynda ýeňiş gazanyp, ýurduň Premýer-ministri wezipesine bellendi.

Bu syýasy çäre Slowakiýa garaşsyzlygyny alanyndan soňky altynjy Prezident saýlawydyr. Slowakiýa Respublikasy – Merkezi Ýewropada ýerleşýän döwlet bolup, 5 million 455 müň ilaty bar. Paýtagty Bratislawa. Ýurt 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda garaşsyzlygyna eýe boldy.

## Möhletinden öňki saýlawlar

Alžiriň Prezidenti Abdelmajid Tebbun 2024-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda möhletinden öň Prezident saýlawlaryny geçirmek barada karara geldi. Bu barada Alžir radiosy habar berdi.

Döwlet Baştutany saýlawlary geçirmek baradaky meseläni parlamentiň başlygy, Konstitusiýa kazyýetiniň başlygy, Premýer-ministr, Milli halk goşunynyň ştab başlygy, Prezidentiň diwanynyň başlygy, içeri işler ministri, garaşsyz milli saýlaw toparynyň başlygy we beýlekileriň gatnaşmagynda geçirilen duşuşykda ara alyp maslahatlaşdy.

Alžirde soňky gezek 2019-njy ýylyň 12-nji dekabrynda Prezident saýlawlary geçirilipdi. Şonda Tebbun saýlawçylaryň 58 göteriminiň goldawyna eýe bolupdy. Onuň bäş ýyllyk möhleti şu ýylyň dekabr aýynda gutarýar. Möhletinden öňki saýlawlary geçirmegiň sebäpleri barada habar berilmedi. Şeýle hem saýlawlara gatnaşmak üçin Tebbunyň dalaşgär bolup-bolmajakdygy heniz belli däl.

Alžir Halk Demokratik Respublikasy – Demirgazyk Afrikada, Ortaýer deňziniň basseýniniň günbatar böleginde



ýerleşip, iň uly meýdany bolan Afrika döwletidir. Alžir günbatarda Marokko, günorta-günbatarda Mawritaniýa we Mali, günorta-gündogarda Nigeriýa, gündogarda Liwiýa we Tunis bilen serhetleşýär. Ýurduň çäginiň köp bölegi Sahara çölünde ýerleşýär. Ýurduň 48 milliondan gowrak ilaty bar.

## Prezidentiň wezipesini ýerine ýetirer

**21-nji martda Wýetnamyň wise-prezidenti Wo Thi An Suan ýurduň ýerine ýetiriji Prezidenti wezipesine bellendi. Ol 20-nji martda wezipesinden çekilen Wo Wan Thyongyň ýerine geçdi. Bu karar Wýetnamyň Milli mejlisiniň adatdan daşary maslahatynda kabul edildi.**



**Wo Thi An Suan ýurduň täze Baştutany saýlanýança ýerine ýetiriji Prezident bolup işlär diýip, Milli mejlisiň hemişelik komiteti habar berdi. Şeýle hem Milli mejlis, Wo Wan Thyongy 2021-2026-njy ýyllar aralygynda Wýetnamyň Prezidenti we 15-nji Milli mejlisiň agzasy wezipesinden boşatdy. 20-nji martda Wýetnamyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komiteti Wo Wan Thyongyň şahsy haýyşy bilen işinden çekilmegini kabul etdi.**

## IŇ ÝAŞ PREMÝER-MINISTR BOLAR

24-nji martda Irlandiýa Respublikasynyň ýokary bilim, ylym we innowasiýa ministri Saýmon Harris koalisiýa hökümetindäki «Fine Gael» partiýasynyň lideri hökmünde tassyklandy. Şeýlelikde, Harris ýurduň iň ýaş Premýer-ministri bolar. Bu barada telekeçilik, söwda we iş üpjünçiligi ministri Saýmon Koweni Atlonda geçirilen partiýa ýygnagynda mälim etdi.

Harris «Fine Gael» partiýasynyň başlygy wezipesine dalaş etmek isleýändigini mälim eden ýeke-täk syýasatçydyr. Ol «Fine Gael»-iň ýygnagynda başga dalaşgärleriň ýokdugy sebäpli, partiýanyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklandy. Harris 9-njy aprelde Irlandiýanyň parlamentiniň aşaky palatasynyň agzalary tarapyndan tassyklanandan soň, Irlandiýanyň Premýer-ministri wezipesine girişer. Parlamentiň karary boýunça Harris Irlandiýanyň Prezidenti Maýkl Higgins tarapyndan hökümet Başlygy wezipesine tassyklanar.

Ol «Fine Gael» partiýasynyň lideri hökmünde eden ilkinji çykyşynda, ilkinji nobatda möhüm sosial-ykdysady meseleleri, şol sanda ýaşaýyş jaýlarynyň elýeterliligi meselesini çözmäge üns berjekdigini belledi.





Syýasy bilermenler Harrisiň 2025-nji ýylyň martynda geçiriljek ähliumumy saýlawlardan öň «Fine Gael»-iň abraýyny ýokarlandyrmak maksady bilen koalisiýa hökümetiniň başynda bir ýyl töweregi boljakdygyny bellediler. Harris 37 ýaşynda respublikanyň Premýer-ministri wezipesine girişer.

Mundan ozal Leo Waradkar ýurduň iň ýaş Premýer-ministri bolupdy. Ol 2017-nji ýylda «Fine Gael»-e baştutanlyk eden wagty 38 ýaşyndady. Waradkar iki gezek Premýer-ministr bolup işledi – 2017-nji ýylyň iýun aýyndan 2020-nji ýylyň iýun aýyna çenli we 2022-nji ýylyň dekabryndan şu güne çenli. Ol garaşylmadyk ýagdaýda 20-nji martda wezipesinden çekiljekdigini mälim etdi. Premýer-ministr bu karara anyk delil getirmedi.

Harris 1986-njy ýylyň oktýabr aýynda Dublinden 27 kilometr uzaklykda ýerleşýän Wiklow etrabynyň kenarýaka şäheri Greýstonsda taksi sürüjisi we mugallymyň maşgalasynda dünýä indi. Ýaş syýasatçynyň hakyky karýerasy 13 ýyl ozal, Irlandiýanyň parlamentine saýlanandan soň başlandy. Üç ýyldan soň ministriň orunbasary wezipesini eýeledi, iki ýyldan soň – 29 ýaşynda ilkinji ministrlik portfelini aldy. Saglygy goraýyş ministrliginiň başlygy hökmünde birnäçe meseleleri çözmäge synanyşdy.

## KOSMOSA ÇYKAN ILKINJI BELARUS ZENANY

Marina Wasilewskaýa «Soýuz MS-25» kosmos gämisiniň ekipažynyň düzüminde Ýeriň orbitasyna çykan ilkinji belarus zenany boldy.

23-nji martda Russiýanyň «Soýuz MS-25» gämisi Gazagystanyň Baýkonur kosmodromyndan Halkara kosmos stansiýasyna üstünlikli uçuryldy. Ekipažyň düzüminde Wasilewskaýa bilen bir hatarda NASA-nyň astronawty amerikaly zenan Treýsi Koldwell-Daýson we rus kosmonawty, gäminiň serkerdesi Oleg Nowiskiý bar.



Marina Wasilewskaýa, mundan ozal «Belawiýa» howa ýollarynda uçarbelet bolup işläpdi. Ol 2022-nji ýylyň dekabrynda Belarusda geçirilen bäsleşikde, Russiýanyň «Soýuz» gämisinde kosmos uçuşyna gatnaşmak isleýän üç müňden gowrak zenanyň arasyndan saýlanan alty dalaşgäriň biridir. Ol Ý.A.Gagarin adyndaky Kosmonawtlary taýýarlaýan merkezde lukmançylyk barlaglaryndan geçenden soň, kosmos uçuşyna dalaşgär hökmünde saýlandy. 33 ýaşly zenan geçen ýylyň 29-njy maýynda «Soýuz MS-25» kosmos gämisiniň esasy ekipažyna we kosmos uçuşyna gatnaşyjy hökmünde Halkara kosmos stansiýasyna 21-nji uçuşa bellendi.

## 20 milliard dollar maýa goýmakçy

**ABŞ-nyň hökümeti «Intel» korporasiýasyny ösdürmek maksady bilen, takmynan, 20 milliard dollar maýa goýýar. Ak Tamyň berýän maglumatlaryna görä, 8,5 milliard dollar gönüden-göni maliýeleşdirmek görnüşinde, ýene 11 milliard dollar ýarymgeçirijileriň we beýleki ýokary tehnologiýaly gurluşlaryň önümçiligini ösdürmek maksady bilen karz ugrunyň çäklerinde berler.**

**Bu serişdeler Arizona, Nýu-Meksiko, Ogaýo we Oregon ştatlaryndaky «Intel» kärhanalaryny enjamlaşdyrmak hem-de giňeltmek üçin gönükdirilýär. Taslamanyň durmuşa geçirilmegi 30 müňe golaý täze iş ornuny döreder we degişli kärhanalarda ýene on müňlerçe işgäri goldar diýlip, habarda bellenilýär.**





**Häzirki wagtda bu ugurdaky maýa goýumlaryň mukdarynyň 240 milliard dollardan geçmegine garaşylýar. Amerikan hökümetiniň pikiriçe, munuň özi «ýarymgeçiriji önümçiliginiň ABŞ-a gaýdyp gelmegine» ýardam berer.**

## ÝERTITREMÄ DURNUKLY GÖKDIRÄN

Tokioda täze «Mori JP Tower» atly gökdiräniň gurluşygy tamamlandy. Maglumatlara görä, Ýaponiýanyň iň beýik binalarynyň birine öwrülen 64 gatly diňiň beýikligi 325,2 metrdir. Binanyň taslamasy «Pelli Clarke & Partners» binagärlik kompaniýasy tarapyndan işlenip düzüldi. Bina Tokionyň ýaşyl baglyklary bilen meşhur bolan, gülläp ösýän etraby «Azabudai Hills» toplumynda ýerleşýär. Bu gökdirän ýaşaýyş we edara otaglaryny özünde utgaşykly sazlaşdyrýar. Gökdiräniň ýokarky 11 gatyny «Aman» myhmanhanasy eýeleýär.



Gökdirän sebitiň seýsmiki ýagdaýy göz öňünde tutulyp guruldy. Binanyň özenini düzýän polat turbalar örän mäkäm beton bilen berkidilip, yranmanyň täsirini azaltmak üçin dempferler oturdylan. Taslamanyň awtorlarynyň sözlerine görä, gökdirän 9 bally güýçli ýertitremelerde-de adatdakysy ýaly mäkäm durar.

Muňa garamazdan, gökdirände 3 müň 600 adama niýetlenen wagtlaýyn gaçybatalga we ilkinji kömegiň enjamlary saklanýan otag bar. Bu binada diňe gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň ulanylmagy, onuň ýene bir aýratynlygy bolup durýar. Ýagyş suwy ýygnalyp, binada ulanylýar. «Mori JP Tower» binasy rahatlygy, howpsuzlygy üpjün edilen we daşky gurşaw bilen bagly zerurlyklary özünde jemleýän häzirki zaman gökdiränleriniň iň gowy nusgasydyr.

## Yssy ýyllaryň biri boldy

Gözegçilikleriň taryhynda 2023-nji ýyl iň yssy ýyl boldy. Bu barada Bütindünýä meteorologiýa guramasynyň ýyllyk hasabatynda mälim edilýär. Ýeriň howasynyň ortaça temperaturasy senagatdan öňki derejeden 1,45 gradus ýokary geçdi.

2023-nji ýylyň iýun aýyndan dekabr aýy aralygyndaky aýlaryň ählisi rekord derejede maýyl boldy, iýul, awgust we sentýabr aýlary bolsa, aýratyn uly tapawut bilen rekord goýdy. Gurama global temperaturanyň uzak möhletleýin ýokarlanmagyny howada ýyladyşhana gazlarynyň toplanmagynyň ýokarlanmagy bilen baglanyşdyrýar. 2023-nji ýylda Antarktikada deňiz buzlarynyň giňişligi gözegçilikleriň taryhynda iň pesi bolup, gyşyň ahyrynda onuň iň uly meýdany öňki rekorda garanyňda, 1 million inedördül kilometr azaldy.

Bütindünýä meteorologiýa guramasynyň Baş sekretary Andreýa Seleste Saulo adamzadyň Pariž şertnamasy tarapyndan kesgitlenen 1,5 gradus ýylylyk derejesine hiç haçan şeýle ýakyn barmandygyny tassyklap:



– Bütindünýä meteorologiýa jemgyýeti adamzada howpuň gyrmyzy signalyny iberýär – diýip belledi. – Howanyň üýtgemegi diňe temperaturanyň ýokarlanmagy bilen baglanyşykly däl. 2023-nji ýylda görlüp-eşidilmedik derejede ummanlaryň gyzmagy, buzlaryň eremegi we Antarktida deňiz buzlarynyň ýitmegi aýgytly hereketlere çagyrýar – diýip, ol ýatlatdy.

## ÝEWROPA BILELEŞIGINIŇ KARARY

22-nji martda Ýewropa Bileleşiginiň ýolbaşçylary Bosniýa we Gersegowina bilen Ýewropa Bileleşigine agzalyk meselelerine bagyşlanan gepleşiklere başlamak barada ylalaşdylar. Ýewropa Geňeşiniň başlygy Şarl Mişel «X» sosial ulgamynda «Ýewropa Geňeşi şu gün Bosniýa we Gersegowinanyň bileleşige goşulmagy baradaky gepleşiklere başlamak kararyna geldi» diýip belledi. Şarl Mişel Balkan ýurduny gutlap: «Şu günki karar Ýewropa Bileleşigine barýan ýoluňyzda



möhüm ädimdir» diýdi.

Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen hem Ýewropa Bileleşiginiň liderleriniň kararyny taryhy çözgüt diýip atlandyrdy hem-de möhüm kanunlary kabul etmekde, migrasiýany dolandyrmakda we gepleşikleri dowam etdirmekde Bosniýa we Gersegowinada öňe gidişlikleriň bardygyny belläp geçdi.

Bosniýa we Gersegowina 2016-njy ýylda Ýewropa Bileleşigine agza bolmak üçin ýüz tutdy we resmi taýdan 2022-nji ýylyň dekabrynda dalaşgär derejesine eýe boldy.

## NAÝBAŞY SURATLAR BAÝRAGA MYNASYP BOLDY

**Londonda guralan dabarada ýabany tebigatda düşürilen iň naýbaşy fotosuratlaryň ýeňijilerine «British Wildlife Photography Awards» atly baýrak gowşuryldy. Şu ýyl Beýik Britaniýanyň ýabany tebigatyna bagyşlanan bäsleşige 14 müňden gowrak fotosurat gelip gowuşdy.**

**Bäsleşigiň baş baýragyna Raýan Stalkeriň «Umman sergezdany» atly fotosuraty eýe boldy. Bu suratda köp sanly balykgulaklar bilen örtülen futbol topy bar. Awtoryň**





**aýtmagyna görä, ol bu topy La-Manş bogazynyň kenarlaryndan tapypdyr.**

**«Oturymly gurşaw» ugry boýunça Daniel Walwerde Fernandesiň «Darbaz» atly fotosuraty ýeňiji boldy. Bu fotosuratda Şerwud-Paýns tokaý seýilgähinde çypar tilkiniň agajyň şahasyndan ýöräp barýan pursady şekillendirilipdir.**

**«Haýwanlaryň suratlary» ugry boýunça birinji orny Mark Wilýamsyň agşam çagy uçup barýan alasary şekillendirýän suraty eýeledi.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# DÜNÝÄDÄKI TÄSIN RESTORANLAR

**Fransiýada ilkinji restoranyň döremegi bilen Ýer ýüzünde köpçülikleýin naharlanylýan ýerleriň sany artyp başlaýar. Restoranlar köpeldigiçe-de, olaryň arasynda bäsdeşlik esasynda hödürlenilýän şertler hem ösdürilýär. Mysal üçin, ululygy, naharlarynyň sany, tebigatda ýerleşişi hem-de hyzmatlary babatda dürli görnüşli döwrebap naharhanalar bar. Gazetimiziň şu sanynda dünýädäki täsin restoranlar baradaky gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**

**IŇ KIÇI RESTORAN.** Finlýandiýanyň Iýsalmi şäherindäki Kuappi restorany dünýäniň iň kiçi restorany hasaplanýar. 1994-nji ýylda Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilen restoranyň tutuş meýdany 8 inedördül metre, myhmanlar üçin niýetlenen bölegi 3,6 inedördül metre deň. Onuň içinde bir stol, iki oturgyç bar. Daşyndaky bölekde – eýwanda iki adamlyk stol bar. Kuappi müşderileri diňe tomsuna kabul edýär. Ilkibaşda demir ýol işgäriniň gözegçilik



nokady hökmünde gurlan bu jaýjagaz häzirki wagtda dünýä belli ýerleriň birine öwrüldi. Kölüň kenarynda ýerleşýän restorana barmak üçin öňünden sargyt etmeli. Sargyt edenlere ol ýerde ýerli panjara balygyndan dürli tagamlar, awçy çöregi, kömelekli çorba bilen gowrulan çörek hödürlenilýär. Kuappiniň myhmanlaryna nahardan soň restorana barandyklary barada şahadatnama hem berilýär.

**IŇ BEÝIK RESTORAN.** Hytaýyň Şanhaý şäheriniň adybir gökdiräninde ýerleşýän «Heavenly Jin» rekordlar kitabynda «Dünýäniň iň beýik restorany» diýlip hasa-



ba alyndy. Şanhaý diňiniň 120-nji gatynda ýerleşýän bu restoran ýerden 556,36 metr beýiklikde ýerleşip, myhmanlaryna şäheriň gözelliklerini ýokardan synlamaga mümkinçilik berýär. Nahar sanawnamasynda Ýewropanyň, Ýaponiýanyň hem-de Hytaýyň nusgawy tagamlary esasy orun eýeleýär. Mundan başga-da, myhmanlara çaýyň birnäçe görnüşi hödürlenýär. Bezeg aýratynlyklary bilen hem ünsi çekýän restoranyň myhmanlary açyk aşhana bölüminde sargyt eden tagamynyň taýýarlanyşyny synlap bilýärler.

**IŇ GOWY SUWASTY RESTORAN.** Dünýäde suwasty naharhanalaryň dürli ýerlerde birnäçesi bolup, Maldiwleriň Ithaa suwasty restorany iň gowusy hasaplanýar. Suwuň 5 metr aşagynda ýerleşýän bu restoran göz öňüne getirişiňizden has ajaýyp bolup, deňiz jandarlarynyň arasynda naharlanmaga mümkinçilik berýär. Bu ýerde käbir geň galdyryjy düzgünler hem bar. Restorana girmezden ozal köwşüňi çykaryp, basgançaklardan



aşaklygyna düşüp, naharlanylýan ýere barmaly. Bu ýer iň köp selfi düşülýän ýerleriň biri bolup, daş-töweregiňden ýüzüp barýan ýüzlerçe deňiz jandaryny synlanyňda jadyly dünýä düşen ýaly bolýarsyň. Bu ýerde deňiz önümlerinden taýýarlanan tagamlar bilen bir hatarda, miwedir süýjülikleriň dürli görnüşleri myhmanlara hödürlenýär.

**IŇ GOWY TOKAÝ RESTORANY.** Tailandyň tropik tokaýlygynda agaçlardan «sallanyp



duran» Sonewa Kiri açyk tebigatdaky dünýäniň iň gowy restorany hasaplanýar. Bu ýere gelýän myhmanlar agaja berkidilen basgançaklar arkaly özleri üçin niýetlenen ýere – ýokary çykýarlar. Restoranda ähli zat tebigy bolup, banan agajynyň ýapragy gap-gaç hökmünde ulanylýar. Gowrulan tokly eti restoranyň esasy tagamydyr. Ofisiantlaryň agaçlara berkidilen ýüplerden sallanyp, myhmanlara hyzmat etmegi bu ýerdäki aýratynlyklaryň biridir. Höwürtge şekilindäki restoranda tokaýyň we kölüň owadanlygyny synlap, lezzetli dynç alyp bolýar.

## 27-nji mart – Bütindünýä teatr güni

Adamzat durmuşynda entek telewizoryň ýa-da elektron enjamlaryň pikiri hem edilmeýän döwürde köpçüligi güýmemek we wagtyny gyzykly geçirmek maksady bilen ilkinji sahna oýunlary peýda bolýar. Greklerde oýlanyp tapylan komediýa sungaty şäheriň daşyndaky ýörite meýdançada ýerine ýetirilip, oňa ýüzlerçe adam ýygnanypdyr. Bu ilkinji sahna oýunlary hasaplanýar. Taryhy maglumatlara görä, ilkinji teatr oýny V asyryň başynda Afiny şäherindäki Akropolda ýerleşýän Dioniz teatrynda bolup geçýär. Şondan soňra teatr tomaşa edilýän meşhur güýmenjä öwrülip, bütin Gresiýa ýaýraýar. Ýurtda teatrlar peýda bolup, sahna oýunlary üçin ýörite eserler ýazylyp başlanýar.

Her ýylyň 27-nji martynda Bütindünýä teatr güni halkara jemgyýetçiligi tarapyndan bellenilip geçilýär. Baýramçylyk gününde teatr sungatynyň ähmiýeti, adamzat durmuşynda eýeleýän orny we ynsanlara ýetirýän täsiri barada maslahatlardyr ýygnanyşyklar geçirilýär. «Teatr» sözi «teatron» grek sözünden gelip çykyp, «görmek üçin ýer» diýen manyny aňladýar. Sahna eserlerini täsiri taýdan iki topara – komediýa (şadyýan) we tragediýa (gaýgyly) oýunlara bölmek mümkin. Teatrda aktýorlardyr aktrisalar hereketiň, sözüň we aýdym-sazyň üsti bilen hakyky we hyýaly durmuş wakalaryny janly şekilde tomaşaçylara ýetirýärler. Teatr şu günki we bolup geçen wakalara esaslanmak bilen tomaşaçylara durmuş sahnasyny açyp berýär. Teatr sahnasynda, esasan hem, şol ýurduň taryhy, däp-dessurlary we medeniýeti şöhlelendirilýär.

**BÜTINDÜNÝÄ TEATR GÜNÜNIŇ TARYHY**

Halkara teatr instituty (ITI) 1961-nji ýylda ilkinji gezek Bütindünýä teatr gününi belleýär. 1962-nji ýyldan her ýylyň 27-nji martynda bu sungat baýramçylygy köpçülikleýin bellenilip başlanýar. Bütindünýä teatr güni mynasybetli dünýä döwletleriniň köpüsinde teatr eserleri sahnalaşdyrylyp, tomaşaçylar bilen pikirler paýlaşylýar. Meşhur sahna ussatlaryna söz berlip, olaryň gyzykly gürrüňleri diňlenilýär. Käbir ýurtda şol gün sungat işgärlerini sylaglamak dabaralary hem geçirilýär. Bütindünýä teatr gününi geçirmegiň maksady – Ýer ýüzünde sungatyň dürli görnüşleriniň ähmiýetine ünsi çekmek, köpçüligiň arasynda sungatyň dürli görnüşleriniň gymmatyny ýokarlandyrmak, teatrda milliligi görkezmäge mümkinçilik döretmek we sahna eserlerinden lezzet almak bolup durýar.

## Çagalar näme üçin eşigini dişleýär?

Çagalaryň dürli ýagdaýlarda eşigini dişleýän pursadyna gabat gelen bolsaňyz gerek. Kiçi ýaşly çagalaryň ýa-da bäbegiň daştöweregindäki zatlary agzyna salmagy bilesigelijilik endigi ýa-da diş gyjynmasy bolup, bu adaty ýagdaý hasaplanýar. Ýöne 6-7 ýaşly çagalaryň ýeňini, eşigini, galamy dişlemegi näme sebäpden ýüze çykýarka?

Çaganyň ösüşinde diş gyjynmasy möhüm orun eýeleýär. Bir zady dişlemek ýa-da çeýnemek öz-özüňi köşeşdirmegiň iň esasy usullarynyň biridir. Syn eden bolsaňyz, bäbekler elini agzyna salýar, esasan hem, başam barmagyny sormagy gowy görýär. Bu endik kiçi ýaşly çagalaryň özüni köşeşdirmegine we diş gyjynmasyndan lezzet almagyna ýardam edýär. Mekdep ýaşyndaky käbir çagalarda bu endik eşiginiň ujuny çeýnemek arkaly ýüze çykýar. Bu olaryň özüni rahatlamagyna we utanýan wagty ünsi sowmagyna ýardam edýär.

Uly ýaşly çagalarda eşigini dişlemek endigi utanýan wagty ýa-da aljyraňňy ýagdaýa düşende ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýa gabat gelnende, ilki bilen çagadan muny bilip ýa-da bilmän edendigini soramaly. Eger bilip edýän bolsa, bu endigiň bäbeklik döwrüne mahsus-



dygyny aýdyp, uly ýaşly çagalara gelişmeýändigini, köpçüligiň geň görjekdigini düşündirmeli. Bilmän eden halatynda, köpçülikde ýa-da ulularyň ýanynda utanara zadyň ýokdugyny we özüni arkaýyn alyp barmalydygyny aýtmaly.

Egin-eşigini çeýneýän çaga agyz gyjyndyrmasyna jogap gözleýär. Bu endigi 6-7 ýaşly çagalarda gürrüňdeşlik geçmek, sebäbini anyklamak arkaly goýduryp bolar. Kiçi ýaşly çagalaryň ýa-da bäbekleriň eşik çeýnemek endigini ýumşak rezin halkajyklary ýa-da dişlenýän oýnawaçlary alyp bermek arkaly aýryp bolar. Eger-de bu meselä çynlakaý garaýan bolsaňyz, çaga lukmanyna hem ýüz tutup bilersiňiz.

## ÇAGALAR

**Pyşbaganyň dişi bolmaýar. Olaryň äňindäki gaty ak gabygy iýmit çeýnemäge ýardam edýär.**



# Pyşdyl, pyşdyl, pyşdyl men...



Pyşbaga bedeni çanaklyk bilen örtülen süýreniji bolup, haýal hereketi bilen tapawutlanýar. Süýrenijileriň bu görnüşi Antarktidadan başga ähli yklymda duş gelip, esasy bölegi Demirgazyk Amerikada we Günorta Aziýada ýaşaýar. Ýer ýüzünde çanakly süýrenijileriň 350-den gowrak görnüşi bar. Pyşdyllaryň köpüsi gury ýerde, kölleriň kenarynda we derýa ýakalarynda ýaşasa, käbiri ummanlarda duş gelýär. Käbir görnüşi bolsa tokaýlarda we çöllerde ýaşaýar.

Pyşdyllary ýaşaýan ýerine baglylykda gury ýer pyşdyly, deňiz pyşdyly we suw pyşdyly ýaly toparlara bölmek mümkin. Daşky görnüşine baglylykda gaplaň pyşbagasy, agaç pyşbagasy, Gündogar ysly pyşbaga, reňklenen pyşbaga, palçyk pyşbagasy, göwher pyşbagasy, ýumşak gabyk pyşbagasy, Afrika kaskaly pyşbaga, zeýtun pyşbagasy ýaly görnüşleri bar. Bu süýrenijileriň iň kiçisiniň ululygy 10 santimetrden geçmeýär. Deňizde ýaşaýan pyşdyllar gury ýer pyşdyllaryndan ululygy bilen tapawutlanyp, Atlantik deri pyşbagasynyň ululygy 2 metre, agramy 680 kilograma ýetýär. Pyşdylyň suwda ýaşaýan kiçijik görnüşine «terrapin» diýilýär.

Pyşbagalar howp abanan ýagdaýynda uzyn boýnuny, gysga aýaklaryny we guýrugyny çanagynyň içine düýrläp goranyp bilýärler. Pyşdylyň käbir görnüşi howp abananda çanagynyň içinde gizlenmän, garşydaşyny «dişläp» gorkuzýar. Gury ýer pyşbagalarynyň öňki we yzky aýaklarynyň barmagynda dyrnaklary bolýar. Deňiz pyşdyllarynyň barmaklarynyň arasynda perdesi bolup, suwda ýüzmegini üpjün edýär. Balykdan tapawutlylykda, deňiz pyşbagasy suwuň düýbünde dem almaýar. Şor suwa uýgunlaşan pyşdyllar suwuň ýüzüne çykyp, dem alandan soň, ýene-de aşak çümýärler. Deňiz pyşdyllarynyň hereketi olaryň suwuň aşagynda näçe wagtlap saklanyp biljekdigine täsir edýär. Eger-de deňiz pyşdyly işjeň hereketde bolsa, her 1-2 sagatdan suwuň ýüzüne çykyp dem almaly bolýar. Eger-de ukuda ýa-da dynç alýan bolsa, suwuň düýbünde 4-7 sagada çenli saklanyp bilýär.

Pyşbagalaryň köpüsi ösümlikler bilen iýmitlenýän hem bolsa, gurçuk, suwöküz, mör-möjek iýýän görnüşleri hem bar. Pyşdyllaryň käbiri edil düýeler ýaly çanagynda ýag toplaýar hem-de birnäçe hepdeläp hiç zat iýmezden oňup bilýär. Çölde ýaşaýan pyşdyllar bolsa çanagynda ätiýaçlyk suw toplap, bir ýyla çenli suwsuzlyga çydap bilýärler.

Köpeliş möwsüminde pyşbagalar beýleki süýrenijiler ýaly ýumurtgasynyň üstünde oturmaýarlar. Çanakly süýrenijiler köpelmek üçin çukur gazyp, ýumurtgasyny ýere gömýärler. Deňiz pyşdyllary hem ýumurtgalamak üçin çägeli kenara gelýärler. Bir pyşdyl köpelmek üçin 50-150 aralygynda ýumurtga taşlaýar. 50-60 günden soň ýumurtgalardan pyşdyljyklar çykyp, Ýeriň ýüzünde peýda bolýarlar. Ýeriň ýylylygy pyşdyllaryň jynsyna we ýumurtgadan näçe wagtdan çykjakdygyna täsirini ýetirýär. Kiçijik pyşdylyň «kämillik ýaşyna ýetmegi» üçin 20 ýyl gerek. Agajyň ýaşynyň ulaldygyça sütünindäki halkalaryň köpelişi ýaly, pyşdyllaryň hem ýyl geçdigiçe çanagyndaky nagyşlary we gasynlary köpelýär. Howanyň sowamagy bilen pyşdyllar palçyga gömlüp ýatýarlar, emma gyş ukusyna gitmeýärler.

**Pyşdyllar barada gyzykly maglumatlar**

☑ Pyşbagalar dünýädäki iň gadymy süýrenijileriň biridir. Bu jandarlar 200 million ýyl mundan ozalky dinozawrlaryň döwrüne degişlidir.

☑ Pyşbaganyň çanagy aslynda onuň skeletiniň (süňk düzümi) bir bölegidir. Çanaklyk pyşbaganyň gapyrgasy we oňurgasy ýaly 50-den gowrak süňkden emele gelýär.

☑ Pyşbaganyň dişi bolmaýar. Olaryň äňindäki gaty ak gabygy iýmit çeýnemäge ýardam edýär.

☑ Süýji suwda we deňizde ýaşaýandygyna garamazdan, pyşbagalar «amniotlar» (howadan dem alýanlar) toparyna degişli bolup, ýumurtgasyny gury ýerde goýýarlar.

☑ Pyşdyllar janly-jandarlaryň iň uzak ýaşaýan görnüşi bolup, ortaça 50 ýyla çenli ýaşap bilýärler. Seýşel adasynda ýaşaýan pyşbagalar uzak ýaşaýandygy bilen tapawutlanýar. Bu adanyň «ýerli ýaşaýjysy» Jonatan häzir 191 ýaşynda.









Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!



Labirint



Gülleri kökleri bilen birleşdiriň!









## Näme üçin hepdede 7 gün bar?

Wagt hasaplamalary Ýeriň, Günüň, Aýyň hem-de ýyldyzlardyr planetalaryň hereketlerini ölçemek arkaly amala aşyrylýar. Mysal üçin, 1 gije-gündiz 24 sagatdan ybarat bolup, Ýeriň öz okunyň daşyndan doly aýlanýan wagtyna deňdir. 365 gün 6 sagatdan (käte 366 gün) düzülen 1 ýylda Ýer Günüň daşyndan bir gezek aýlanýar. Ýöne hepdäniň, ýagny 7 günüň hasaplamasy bu matematik amallara esaslanmaýar.

Hepdelik dynç günleriniň käbir ýurtlarda tapawutlydygyna garamazdan, bütin dünýäde bir hepde 7 gün bilen hasaplanýar. Gadymy wawilonlylar astronomiýa ylmyny ösdüren halk bolup, 7-lik belgä uly hormat goýupdyrlar. Ýerli ynançlara görä, 7-lik belgi şowlulygyň, 7 gat asmanyň, 7 bölek ýer böleginiň simwoly hasaplanypdyr. Wawilonly müneçjimler 7 sany asman jisiminiň (Gün, Aý, Merkuriý, Wenera, Mars, Ýupiter we Saturn) bardygyna ynanypdyrlar. Şol sebäpli olar hepdäni 7 güne bölüpdirler. Mundan başga-da, gadymy wawilonlylar Aýyň aýlawyny has gowy yzarlamak üçin 1 aýy 7 hepdä bölüpdirler. Ýöne 1 aýda 7 hepdäniň bolmagy köpçülikleýin kabul edilmändir.

Şol döwürlerde beýleki siwilizasiýalarda hepde günleri başga sanlar bilen aňladylypdyr. Mysal üçin, müsürlileriň 1 hepdesinde 10 gün, rimlileriň 1 hepdesinde 8 gün bolupdyr.

**7 GÜNLÜK HEPDE HASABY NÄDIP ÝAÝRADY?**

Gadymy wawilon medeniýetiniň köp ýurtlara täsir etmegi bilen, biziň eýýamymyzdan öňki VII-VI asyrlarda 60 minutlyk sagat hasaby we 7 günlük hepde düşünjesi kabul edilip başlanýar. 7-lik hepde hasaplamasyna ilki bilen parslar we grekler geçýär. Asyrlar geçenden soň Aleksandr Makedonskiniň grek medeniýetini köp ýurtlara ýaýradyp başlamagy bilen, Hindistan, Ýakyn Gündogar we Aziýa sebitleri hem 7 günlük hepde hasaplamasyny kabul edýärler.

Gadymy wawilonlylaryň ýerli ynançlaryna görä, oýlap tapan 7 günlük hepde hasaplamasy häzirki wagtda hem bütin dünýäde ulanylyp gelinýär.

10 tapawudy tapyň!



# Sungata hyzmat – Watana hyzmat

Uzakly günki çekilen zähmetden soň radioda berilýän gepleşiklerdir, aýdym-sazlary diňlemegiň lezzeti başgaça bolýar. Esasan hem, «Miras» radioýaýlymynda goýberilýän «Türkmen ýoly» atly edebi-çeper gepleşigi diňläniňde onda okalýan edebi-çeper eserler seni özüne maýyl edýär. Şol gepleşigi özüniň gulaga ýakymly, sadadan-mylaýym, mahmal sesi bilen alyp barýan, ýurdumyzyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň sahna ussady, Türkmenistanyň at gazanan artisti Batyr Çaryýew bilen duşuşyp, onuň durmuş we döredijilik ýoly barada okyjylar köpçüligine ýetirmegi makul bildik.

Batyr Çaryýew 1972-nji ýylda Mary welaýatynyň Murgap etrabynyň Çäçdepe obasynda demirýolçynyň maşgalasynda dünýä inýär. Atasy Hally aga demirçi ussa bolupdyr hem-de gyrgy tüýdükde saz çalar eken. Kakasy Rejep aga bolsa otly sürüjisi bolup zähmet çekipdir. Batyryň ejesi Orazgözel eje bolsa ömrüni daýhançylyga bagyş edýär.

Batyr başlangyç bilimi obalaryndaky 29-njy orta mekdepde alýar. Ol, esasan, türkmen dili we edebiýaty, taryh, geografiýa sapaklaryna ýykgyn edipdir. Ol mekdepde mugallymlary, belli şahyr Atajan Annaberdiýew, şeýle-de Gurbanjemal Suhanowa, Altyn Abdyllaýewa ýaly ussatlardan sapak alýar. Batyr örän bilesigeliji, ýatkeş bolýar. Ol ýaşlygyndan çeper eserleri, goşgulary okamagy we ýazuw işleri bilen meşgul bolmagy gowy görüpdir.

Batyr mekdepde okaýan döwri paýtagtyň teatrlaryndan obalaryna gelip öz spektakllaryny görkezýän artistleriň sahna oýunlaryny ürç edip synlar eken. Olaryň sahnada döredýän keşpleri ony biparh goýmandyr. Ol mawy ekran arkaly görkezilýän filmleri hem sypdyrman görer eken. Ony, esasan, Türkmenistanyň halk artisti, «Aýgytly ädim» filmindäki Artygyň keşbi bilen adygan Baba Annanowyň sungaty özüne çekipdir. Megerem şol zatlaryň täsiri ýetendir-dä, Batyr orta mekdebi tamamlanyndan soň 1995-nji ýylda artist bolmak maksady bilen



Aşgabada gaýdýar. Ol Türkmen döwlet medeniýet institutynyň teatr sungaty fakultetiniň drama we kino aktýorlaryny taýýarlaýan bölümine resminamalaryny tabşyrýar. Giriş synaglaryny üstünlikli tabşyran Batyry okuwa kabul edýärler.

Batyr institutda okan ýyllary Türkmenistanyň halk artisti, professor Nurmuhammet Keşşikow, Durdymämmet Öräýew, Oguljan Nyýazberdiýewa, Çary Işangulyýew ýaly halypalardan sapak alýar. Batyr bilen bir toparda Türkmenistanyň at gazanan artisti Maýa Annaýewa, şeýle-de artistler Atamyrat Atamyradow, Suraý Seýidowa, Hojageldi Saparow dagy hem okaýar. Institutyň soňky ýylynda Batyryň topary diplom iş üçin W.Şekspiriň «Nadaranyň nogtalanyşy» atly eserini sahnalaşdyrýar. Bu sahna oýnunda Batyra baş keşp bolan Petruççonyň keşbini döretmegi tabşyrýarlar. Batyryň döreden Petruççosy ýokary baha mynasyp bolýar.

1999-njy ýylda instituty tapawutlanan diplom bilen tamamlan Batyry şol wagtky A.Gulmämmedow adyndaky Ýaş tomaşaçylar teatryna işe ýollaýarlar. Bu teatrda Batyra halypa artistler Öwez Gelenow, Öwlüýäguly Hojagulyýew, Anna Meläýew, Annamuhammet Gurbanow, Goçmyrat Bekiýew ýaly ussatlar bilen bir sahnada çykyş etmek miýesser edýär. Ýaşlar teatrynyň sahnasynda Batyr ýaş hünärmen hökmünde G.Daňatarowyň «Jelaletdin Soltan» atly spektaklynda baş keşp bolan Mahmyt Ýalwajyň keşbinde çykyş edýär. Şondan soň Batyr «Yşgyň gämisi kenarda» sahna oýnunda Çary Nuryýewiň, «Halas ediň!» spektaklynda Ataşyň, «Seljuk söýgüsi» sahna oýnunda Serhen Naýybyň keşplerini ussatlarça janlandyryp, teatryň döredijilik toparyna ýene-de bir ýiti zehinli artistiň goşulandygyny aýan edýär. Soňy bilen bu teatr üçin ähli amatlyklary bolan täze bina gurlup ulanmaga berlip, Alp Arslan adyndaky Milli drama teatry diýlip atlandyrylýar. Bu teatrda 2014-nji ýyla çenli döredijilikli zähmet çeken Batyr zehinini drama teatrynda synap görmek maksady bilen ýurdumyzyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatryna işe gelýär. Batyr bu teatryň döredijilik topary bilen tiz öwrenişip gidýär. Teatryň şol wagtky ýolbaşçysy, Türkmenistanyň halk artisti Kakajan Aşyrow Batyry güler ýüz bilen garşy alýar. Baş teatryň sahnasynda Batyr birnäçe sahna oýunlarynda çykyş edip, teatr muşdaklarynyň söýgüsine mynasyp bolýar. Olardan «Döwlet guşy» atly spektaklynda Berdimuhamet mugallymyň, «Gorkut ata» eposy boýunça sahnalaşdyrylan «Däli Domrul» sahna oýnunda Pudagyň, «Hindi rowaýatynda» Birbalyň, «Giýewleriň bäsleşiginde» Arslan hanyň, «Gelinlerde» Hekimiň, A.Durdyýewiň «Sen söý meni» atly sahna oýnunda Anna Tartaryň, «Dutaryň owazynda» Kyssalynyň keşpleri halk köpçüligi tarapyndan gyzgyn garşy alnan keşplerdir. Batyr Çaryýew 2001-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň «Miras» teleradioýaýlymynyň «Miras» radioýaýlymynyň «Türkmen ýoly» hem-de «Sungat äleminde» atly gepleşiklerini alyp barmak bilen, özüniň mahmal sesi bilen radio diňleýjileriň söýgüsine mynasyp bolmagy başardy. Batyr bilen söhbetdeş bolanymyzda ol «Miras» teleradioýaýlymynyň redaktory Gülöwser Sopyýewa bilen «Halypa şägirt» atly telegepleşigi taýýarlaýandyklaryny, şol gepleşigi hem özüniň alyp barmalydygyny buýsanç bilen belledi.

Batyr halypa artist Baba Annanowyň zehinine, artistlik ukybyna uly hormat goýup, halypa artisti hemişe ýüreginde saklap gelipdir. Şol sebäpden hem halypa artist B.Annanow üç gezek Batyryň düýşüne girýär. Birinji gezek ertesi institutа girip synag tabşyrmaly agşamsy, ikinji gezek institutyň gutardyş synagyny tabşyrmaly güni, üçünji gezek hem okuwy tamamlap teatryň gapysyndan ätlejek güni bolup geçýär. Batyr Çaryýew 1998-nji ýyldan bäri özüniň mahmaldan mylaýym sesi bilen ýurdumyzyň Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» kinostudiýasynda surata düşürilýän filmleriň aglabasynda diktor tekstlerini okap gelýär. Häzirki wagta çenli ol filmleriň sany 150-den geçýär. Batyr Çaryýew kino sungatynda artist hökmünde-de birnäçe keşpleri janlandyrdy. Olardan kinorežissýor Muhammet Söýünhanowyň surata düşüren «Yşkyň ýoly» filmindäki Öweziň, kinorežissýor Halmämmet Kakabaýewiň surata düşüren «Tapakgan» filmindäki esgeriň, dramaturg hem režissýor Baýram Abdyllaýewyň surata düşüren «Borç» filmindäki Begliniň, şonuň ýaly-da kinorežissýor Myrat Orazowyň surata düşüren «Sähra aýdymy» hem-de «Seýis» kinolarynda, režissýor Durdy Nyýazowyň surata düşüren «Düýeguş» filmindäki döreden keşpleri öwgä mynasyp keşplerdir.

Batyr çeper eserleri okamagyň hem aşygy, goşgy okamagyň bolsa ussady. Sportuň ýeňil atletika görnüşi bilen meşgullanýan Batyr dutarda çalynýan halk sazlaryny diňlemegi, ýazuw işleri bilen meşgul bolmagy gowy görýär. Ol durmuşda öz meşgul bolýan işlerinden, käründen lezzet alyp ýaşamagy başarýar. Batyr ýanýoldaşy Suraý bilen iki ogly, iki gyzy terbiýeläp ýetişdirdiler. Çagalarynyň ikisi ýokary okuw mekdebinde, ikisi bolsa orta mekdepde okap ýörler. 2015-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň ýeňijisi bolan zehinli sahna ussady hem-de alypbaryjy Batyr Çaryýewiň sungat äleminde bitiren hyzmatlary göz öňünde tutulyp, 2022-nji ýylda Türkmenistanyň at gazanan artisti diýen hormatly at dakylýar. Bize bolsa Batyra mundan beýläk hem döredijilik üstünliklerini arzuw edäýmek galýar.

**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
*kino sungatyny öwreniji.*






## 13-nji SKANWORD

**Ulugbek KLYÇEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*




## 19-njy KROSSWORD

**Gülälek ATAÝEWA,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



● **DIKLIGINE:** **1.** Düýe süýdünden taýýarlanýan önüm. **2.** Demirgazyk Ýewropada ýerleşýän döwlet. **3.** Aldyrylan hamyrdan ýukarak ýaýylyp ýagda bişirilen çöregiň bir görnüşi. **4.** Gyz ady. **5.** Tertip-düzgün, kada. **6.** Amerikada ýaşaýan jandar. **11.** Alym, ylymly. **12.** Eýranyň taryhy şäherleriniň biri. **13.** Öň, maňlaý. **14.** Rus aktýory Ýuriý ... **15.** Tutuş, bitewi. **16.** Çap ediş adalgasy. **19.** Kiçijik hekaýa, çaklaňja powest. **20.** Gyz ady. **23.** «Ýylyň parlak ýyldyzy – 2020» diýen adyň eýesi ... Ökdirowa. **24.** Harby termin. **25.** Köpçüligiň öňünde çykyş edilip sözlenilýän söz, çykyş. **27.** Iri däl, uşak. **30.** Adam ady. **33.** Wakalary beýan edýän halk döredijilik eseri. **35.** Ýaponiýanyň bir şäheri. **37.** «Magtymguly, hoş hap içre ýatyrdym,/ Emrine uçradym, ... getirdim» (Magtymguly Pyragy). **38.** Grafik formaty. **39.** Kiçijik at. **41.** Miwe. **42.** Ir säher. **43.** Ahy-..., zeýrenç.

● **KESELIGINE:** **4.** Tropik miwe. **7.** Giçlik. **8.** Orta Aziýada bir deňiz. **9.** Kordinatalaryň biri. **10.** Kubin jübüt tansy. **13.** Türkmen nusgawy şahyry. **17.** Afrikada bir döwlet. **18.** Ynam etmezlik, ynanmazlyk. **21.** Telefon, telekommunikasiýa enjamlaryny öndüriji fin kompaniýasy. **22.** Ýüregiň bir bölegi. **26.** Nemes şahyry, akyldary, tebigaty öwreniji ... logann. **28.** Oglan ady. **29.** «... – söweşde, garry – geňeşde» (Paýhas çeşmesi). **31.** Meşhur fubolçy. **32.** Paý, bölek. **34.** Türk halwaly süýjüligi. **36.** Kosmetika serişdeleri taýýarlanýan gülüň bir görnüşi. **40.** Edebi eser. **44.** Enjamlaryň işleýşini dolandyrmak üçin hünär. **45.** Ortalyk. **46.** Guş. **47.** Düwme, sadap. **48.** Berk.

**17-nji** krosswordyň jogaby:



**18-nji** krosswordyň jogaby:



**11-nji** skanwordyň jogaby:



**12-nji** skanwordyň jogaby:



## 20-nji KROSSWORD



**Albina ZAKIRJANOWA,** *Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.*

● **DIKLIGINE:** **1.** Ýalpyldawuk gymmatbaha daş. **2.** Çaganyň ýakyn hossary. **3.** Eliň iç ýüzi. **4.** Bir zada bolan isleg, niýet. **5.** Bir zady gorar ýaly ýer, buky. **6.** «... berseň, bergil aja, daýangyn egri gylyja» («Görogly» eposyndan). **10.** Ýurdumyzda bir welaýat. **11.** Totynyň bir görnüşi. **12.** Köp zatdan habarly, akyldar. **13.** Ýurdumyzda bir welaýat. **14.** Gowy däl, ýaman. **15.** Bir zat hakynda edilýän oý, pikir. **16.** Baharyň, nowjuwanlygyň reňki. **22.** Oglan ady. **24.** «Aýda gelsin – ... gelsin» (nakyl). **26.** «Ak towuk, ketegi sowuk» (matal). **27.** Ak we gara reňkiň garyşmagyndan emele gelýän reňk. **28.** Eşege, ýaba goşulýan iki we dört tigirli ulag serişdesi. **30.** Terbiýe, tertip-düzgün. **32.** Daş, uzak, alys (köne söz). **33.** Ok-.... **35.** Köp, artyk.

● **KESELIGINE:** **1.** «Älem içre ... gezmez, at gezer» (atalar sözi). **3.** Parasatly, bilimli. **5.** Birine berilýän nesihat, tabşyryk, öwüt. **7.** Perdeganatlylar maşgalasyndan bolan mör-möjek. **8.** Bina, tam. **9.** Ýokary döwlet derejesinde geçirilýän çärelerde Watanyňa janyň-teniň bilen wepalydygyň hakynda dabaraly söz bermek. **12.** Aýagyň tutuşlygyna ýere basýan bölegi. **14.** Belli bir ugurdan işleri amala aşyrmak üçin guralan gurama. **17.** Gyz ady. **18.** Tahallus. **19.** Eserdäki bölüm. **20.** Kösükli ekin. **21.** Eti we işbili ýokary hilli, gymmat bahaly balyk. **23.** Bir ata-eneden bolan çagalaryň biri-birine bolan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. **25.** Agaçdan alynýan gurluşyk materialy. **29.** Ýaşalýan ýer, ýurt. **31.** Egin-eşige salynýan bezeg. **33.** Howanyň keseligine güýçli akymy. **34.** Paçagy, çigidi aýrylandan soň dilim-dilim edilip, serlip guradylan gawun. **36.** Birleşen Arap Emirlikleriniň milleti. **37.** Asmanyň demirgazyk tarapynda görünýän ýyldyzlar topary. **38.** Kanunlaşdyrylyp kabul edilen düzgün.

## Bir sözlemde



❯ KONKAKAF Milletler Ligasynyň finalynda Meksikanyň ýygyndysyny Adams hem-de Reýnanyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen ABŞ-nyň ýygyndysy bassyr 3-nji çempionlygyny baýram etdi.

❯ Brazil kluby «Atletiko Mineýro» toparynyň tälimçisi Luis Felips Skolari wezipesinden gidip, onuň ornuna «Barselonanyň» argentinaly ozalky goragçysy, soňky sapar «Arhentinos Huniors» toparyna tälim beren Gabriel Milito tälimçilige bellendi.

❯ «Serie A»-da iň aşaky orunda barýan «Salernitana» toparynyň 38 ýaşyndaky meksikaly derwezeçisi Gillermo Oçoa möwsümiň ahyrynda klubdan gidýändigini mälim etdi.

❯ «Real Madridiň» 24 ýaşly ýarymgoragçysy Braim Diaz Marokkonyň ýygyndysyny saýlap, ol täze ýygyndysynyň Angola hem-de Mawritaniýa bilen geçiren ýoldaşlyk duşuşyklarynda meýdança çykdy.

❯ Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada» aşaky orunlarda barýan «Granada» toparynda 17 oýunda 1 gezek ýeňiş gazanan tälimçisi Aleksander Medinany wezipesinden boşadylyp, onuň ornuna ozalam kluby türgenleşdiren ispaniýaly Hoze Ramon Sandowal tälimçilige bellenildi.



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*29-njy mart (anna)*

**Lill – Lans (01:00)**

*30-njy mart (şenbe)*

**Napoli – Atalanta (16:30)**
**Nýukasl – West Ham (17:30)**
**Baýer – Hoffenhaým (19:30)**
**Lasio – Ýuwentus (22:00)**
**Bawariýa – Borussiýa D (22:30)**
**Fiorentina – Milan (00:45)**
**Brentford – M. Ýunaýted (01:00)**
**Barselona – Las Palmas (01:00)**

*31-nji mart (ýekşenbe)*

**Liwerpul – Braýton (18:00)**
**Žirona – Betis (19:15)**
**Man. Siti – Arsenal (20:30)**
**Lokomotiw – Krasnodar (21:00)**
**Marsel – PSŽ (23:45)**
**Real Madrid – Atletik B (00:00)**

*1-nji aprel (duşenbe)*

**Leççe – Roma (21:00)**
**Inter – Empoli (23:45)**
**Wilýarreal – Atletiko M (00:00)**

# EURO 2024: ÄHLI ÝYGYNDYLAR BELLI BOLDY

**Şu tomusda Germaniýada geçiriljek EURO 2024 futbol çempionatyna wekilçilik etjek soňky 3 ýygyndy hem belli boldy. Pleý-off tapgyrynyň duşuşyklaryndan soň Polşanyň, Ukrainanyň hem-de Gruziýanyň ýygyndylary yklym ýaryşyna wekilçilik etmäge hukuk gazandylar. Polşa bilen Ukrainanyň ýygyndylary gatnaşyp gelýän bäsleşiginde nobatdaky gezek çykyş etseler, Gruziýanyň ýygyndysy ilkinji ýola Ýewropa çempionatyna ýollanma aldy.**





Pleý-off «A» geçelgesiniň finalynda Uelsiň ýygyndysy Kardiff şäherinde Polşanyň ýygyndysy bilen duşuşdy. Duşuşykda hasap açylmady. Goşmaça berlen 30 minutda-da toparlara tapawutlanmak başartmady. Ýeňijini kesgitlemek penalti urgularyna galdy. Her topar 5 urgy ýerine ýetirip, polýaklar olaryň ählisini dürs urmagy başardy. Uelsiň ýygyndysynda-da Daniel Jeýms 5-nji urgyny takyk urup bilmedi. 5–4 hasabynda üstün çykan Polşanyň ýygyndysy yzly-yzyna 5-nji gezek Ýewropa çempionatyna wekilçilik etmäge hukuk gazandy. Polşanyň ýygyndysy çempionatda «D» toparçada Niderlandlaryň, Fransiýanyň hem-de Awstriýanyň ýygyndylary bilen özara güýç synanyşar.

Pleý-off «B» geçelgesiniň ýeňijisi Ukrainanyň ýygyndysy boldy. Polşanyň Wroslaw şäherinde geçirilen final duşuşygynda Ukrainanyň ýygyndysy bilen Islandiýanyň ýygyndysy duşuşdy. Duşuşygyň 30-njy minutynda Albert Gudmundsson Islandiýany öňe çykardy. Ýöne ruhdan düşmedik ukrainler 2-nji ýarymda ýeňiş gazanmagy başardy. Ilki 54-nji minutda Wiktor Sygankow hasaby deňledi, soňra 84-nji minutda Mihail Mudryk ýeňiş getiren goly geçirdi. Şunlukda, 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan Ukrainanyň ýygyndysy yzly-yzyna 4-nji gezek Ýewropa çempionatyna gatnaşar. Ukrainanyň ýygyndysy «E» toparçada Belgiýanyň, Rumyniýanyň hem-de Slowakiýanyň ýygyndylary bilen duşuşar.

**36-njy ÝYGYNDY**

● EURO 2024-de çykyş etjek toparlaryň ýene biri Gruziýanyň ýygyndysy bolup, olar Pleý-off «C» geçelgesiniň finalynda Gresiýa bilen duşuşdy. Tbiliside geçirilen duşuşykda hasap açylmady. Netijede, penalti urgulary ýerine ýetirilip, Gruziýanyň ýygyndysy 4–2 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Şunlukda, Gruziýanyň ýygyndysy taryhynda ilkinji gezek yklym ýaryşyna gatnaşar. Gruziýanyň ýygyndysy Ýewropa çempionatynda çykyş etjek 36-njy ýygyndy hökmünde hasaba alyndy. Gruziýanyň milli topary EURO 2024-de «F» toparçada Portugaliýadyr Türkiýäniň hem-de Çehiýanyň ýygyndylary bilen özara duşuşar.

Ýewropa çempionaty 14-nji iýunda başlap, 14-nji iýulda-da tamamlanar.

**ÝARYM FINAL OÝUNLARY BARADA**

● Ýarym final oýunlarynda pleý-off «A» geçelgesinde Polşanyň ýygyndysy Estoniýany 5–1 hasabynda ýeňdi. Uelsiň ýygyndysy hem Finlýandiýanyň ýygyndysyndan 4–1 hasabynda üstün çykdy.

Pleý-off «B» geçelgesinde Islandiýanyň ýygyndysy Budapeştde geçirilen duşuşykda Ysraýylyň ýygyndysyny 4–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda Albert Gudmundsson het-trik edip, toparynyň uly hasaply ýeňşine saldamly goşant goşdy. Bosniýa we Gersegowinanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Ukrainanyň ýygyndysyny kabul etdi. Ýer eýeleri Matwiýenkonyň 56-njy minutdaky awtogoly bilen öňe geçse-de, Ukrainanyň ýygyndysy «La Ligada» çykyş edýän hüjümçileri Ýaremçuk hem-de Dowbygyň gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňiş gazanmagy başardy.

Pleý-off «C» geçelgesiniň ýarym final oýunlarynda Gruziýanyň ýygyndysy saýlama tapgyrynda taryhy başarnyk görkezen Lýuksemburgyň ýygyndysyny Ziwziwadzeniň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Gresiýanyň ýygyndysy bolsa Gazagystanyň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol geçirdi.

*PLEÝ-OFF «A» GEÇELGESI:* **Polşa—Estoniýa: 5–1** (Frankowski 22, Zielinski 50, Piotrowski 70, Mets 74 ö.d., S. Şimanski 76 — Wetkal 78); **Uels—Finlýandiýa: 4–1** (Bruks 3, Williams 38, Jonson 47, D. Jeýms 86 — Pukki 45); **Uels—Polşa: 0–0 (4–5 p).**

*PLEÝ-OFF «B» GEÇELGESI:* **Ysraýyl—Islandiýa: 1–4** (Zahawi 31 p — A. Gudmundsson 39, 83, 87, Traustason 42); **Bosniýa we Gersegowina—Ukraina: 1–2** (Matwiýenko 56 ö.d. — Ýaremçuk 85, Dowbyk 88); **Ukraina—Islandiýa: 2–1** (Sygankow 54, Mudryk 84 — A. Gudmundsson 30).

*PLEÝ-OFF «C» GEÇELGESI:* **Gruziýa—Lýuksemburg: 2–0** (Ziwziwadze 40, 63); **Gresiýa—Gazagystan: 5–0** (Bakasetas 9 p, Pelkas 15, Ioannidis 37, Kurbelis 40, Tapalow 85 ö.d.); **Gruziýa—Gresiýa: 0–0 (4–2 p).**



**EURO 2024-iň toparçalary:**

**«A» TOPARÇA:** Germaniýa, Şotlandiýa, Wengriýa, Şweýsariýa
**«B» TOPARÇA:** Ispaniýa, Horwatiýa, Italiýa, Albaniýa
**«C» TOPARÇA:** Sloweniýa, Daniýa, Serbiýa, Angliýa
**«D» TOPARÇA:** Polşa, Niderlandlar, Awstriýa, Fransiýa
**«E» TOPARÇA:** Belgiýa, Slowakiýa, Rumyniýa, Ukraina
**«F» TOPARÇA:** Türkiýe, Gruziýa, Portugaliýa, Çehiýa

## 6 ýygyndy 3-nji saýlama tapgyryna çykdy



Ýene-de iki ýyldan 3 ýurtda — ABŞ, Kanada hem-de Meksikada geçiriljek FIFA Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama duşuşyklarynyň çäginde Aziýa zolagynda 2-nji tapgyryň 3–4-nji oýunlary oýnaldy. Geçirilen 4-nji tapgyrdan soň Kataryň, Yragyň, BAE-niň hem-de Awstraliýanyň ýygyndylary ýeke utuk hem ýitirmän eýýämden, 3-nji saýlama tapgyryna ýollanma almagy başardylar. Şol sanda Eýrandyr Özbegistanyň ýygyndylary hem 3-nji tapgyrda çykyş etmäge hukuk gazandylar. «A» toparçada Kataryň ýygyndysy Kuweýtiň ýygyndysyndan 3–0 we 2–1 hasaplar bilen üstün çykdy. 1-nji oýunda Afif, 2-nji oýunda Almoez Ali 2 gol geçirdi. «F» toparçada Yragyň ýygyndysy Filippinleri Basrada 1–0, Manilada 5–0 hasabynda utdy. «H» toparçada-da BAE-niň ýygyndysy Ýemeniň ýygyndysyndan öz meýdançasynda 2–1, Saud Arabystanynda oýnalan jogap duşuşygynda-da 3–0 hasaplar bilen üstün çykdy. Awstraliýanyň ýygyndysy Liwanyň ýygyndysyny Sidneýde 2–0, Kanberrada bolsa 5–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Şol sanda «E» toparçada-da Eýrandyr Özbegistanyň ýygyndylary 3–4-nji duşuşyklarynda gol geçirtmezden ýeňiş gazandylar we Dünýä Kubogynyň Aziýa zolagynyň 3-nji saýlama tapgyryna çykmaga ygtyýar aldylar. 3-nji saýlama tapgyryna her toparçadan 2 ýygyndy çykar. Olar 6 toparly 3 toparça paýlanar. Umumylykda Dünýä Kubogy 2026-a Aziýadan 8+1 ýygyndy gatnaşar. Toparçalardaky indiki duşuşyklar 6-njy hem-de 11-nji iýunda geçiriler.

**«A»:** Katar—Kuweýt: 3–0, Owganystan—Hindistan: 0–0, Hindistan—Owganystan: 1–2, Kuweýt—Katar: 1–2; **«B»:** Ýaponiýa—Demirgazyk Koreýa: 1–0, Mýanma—Siriýa: 1–1, Siriýa—Mýanma: 7–0, Demirgazyk Koreýa—Ýaponiýa (oýnalmady); **«C»:** Günorta Koreýa—Tailand: 1–1, Singapur—Hytaý: 2-2, Hytaý—Singapur: 4–1, Tailand—Günorta Koreýa: 0–3; **«D»:** Hytaý Taýpeýi—Gyrgyzystan: 0–2, Oman—Malaýziýa: 2–0, Gyrgyzystan—Hytaý Taýpeýi: 5–1, Malaýziýa—Oman: 0–2; **«E»:** Gonkong—Özbegistan: 0–2, Eýran—Türkmenistan: 5–0, Türkmenistan—Eýran: 0–1, Özbegistan—Gonkong: 3–0; **«F»:** Indoneziýa—Wýetnam: 1–0, Yrak—Filippinler: 1–0, Wýetnam—Indoneziýa: 0–3, Filippinler—Yrak: 0–5; **«G»:** Pakistan—Iordaniýa: 0–3, Saud Arabystany—Täjigistan: 1–0, Iordaniýa—Pakistan: 7–0, Täjigistan—Saud Arabystany: 1–1; **«H»:** BAE—Ýemen: 2–1, Nepal—Bahreýn: 0–5, Bahreýn—Nepal: 3–0, Ýemen—BAE: 0–3; **«I»:** Awstraliýa—Liwan: 2–0, Palestina—Bangladeş: 5–0, Bangladeş—Palestina: 0–1, Liwan—Awstraliýa: 0–5.

## Ýoldaşlyk duşuşyklary

Tutuş dünýäde klub futbolyna 10 gün gowrak arakesme berlip, milli ýygyndylaryň duşuşyklary geçirildi. Milli ýygyndylaryň käbirleri Ýewropa çempionatynyň, Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň hem-de Milletler Ligasynyň duşuşyklaryny geçirse, käbirleri-de ýoldaşlyk duşuşyklary bilen tomusky esasy ýaryşlara toparlaryň taýýarlyklarynyň depginini barlap gördüler. Geçirilen ýoldaşlyk duşuşyklarynda dürli-dürli, şol sanda garaşylmadyk netijeler hasaba alyndy. Galyberse-de, dünýä rekordy hem goýuldy.

**IŇ ÇALT GOL**

● Slowakiýa bilen Awstriýanyň arasyndaky duşuşykda eýýäm 6-njy sekuntda hasap açyldy. Bu goly awstriýaly Kristofer Baumgartner derweze girizdi. Bu gol milli ýygyndylaryň arasyndaky duşuşyklarda derwezä girizilen iň çalt gol hökmünde hasaba alyndy. Mundan ozalky rekordyň eýesi Lukas Podolski bolup, ol 2013-nji ýylda Germaniýa – Ekwador duşuşygynyň 7-nji sekundynda tapawutlanypdy. Slowakiýa –Awstriýa duşuşygy 2–0 hasabynda tamamlanyp, 2-nji goly 82-nji minutda Andreas Weimann derwezä gönükdirdi.


Kristofer Baumgartner

Germaniýanyň ýygyndysy myhmançylykda Fransiýany 2-0 hasabynda ýeňdi. Duşuşygyň 7-nji sekundynda Florian Wirtsiň geçiren golunyň pasyny 3 ýyldan soň tälimçi Ýulian Nagelsmannyň haýyşy boýunça milli topara dolanan Toni Kroos berdi. Nemesleriň beýleki goluny bolsa 49-njy minutda Kai Hawerts geçirdi. Germaniýanyň ýygyndysy 2-nji ýoldaşlyk duşuşygynda Niderlandlary garşydaşynyň öňe saýlanandygyna garamazdan, 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi (Mittelştadt 11, Füllkrug 85 — Weerman 4).


Angliýa–Belgiýa

Argentinanyň ýygyndysy Messisiz geçiren 2 duşuşygynda ýeňiş gazanyp, olar ilki Salwadory 3–0, soňra Kosta Rikany 3–1 hasaplar bilen utdy. 2-nji oýunda tapawutlanan Lautara Martines milli toparda 16 oýundan soň ilkinji goluny derwezä girizdi.

**PELÄNIŇ REKORDYNY TÄZELEDI**

● Braziliýanyň ýygyndysy ilki Londonda Angliýa bilen duşuşyp, 17 ýaşly hüjümçisi Endrigiň 80-nji minutda geçiren goly bilen 1–0 ýeňdi. Soňra Madridde Ispaniýa bilen duşuşan Braziliýanyň ýygyndysy Paketanyň 90+6-njy minutda penaltiden geçiren goly esasynda 3–3 hasabynda deňme-deň oýnady. Her oýunda 1 gol geçiren Endrik ilkinji 2 goluny 49 minutda geçirip, Peläniň rekordyny täzeledi. Pelä milli topardaky ilkinji 2 goly üçin 64 minut gerek bolupdy. Şwesiýany 5–2 ýeňip, Sloweniýadan 2–0 hasabynda asgyn gelen Portugaliýanyň ýygyndysy Katar 2022 Dünýä Kubogyndan soň, ýagny 11 ýeňişden soň ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy.

**10-njy DEŇME-DEŇLIK**

● Öz meýdançasynda Seýnt Kitts we Newisiň ýygyndysy bilen 2 gezek duşuşan San Marinonyň ýygyndysy 1-nji oýunda 3-1 hasabynda ýeňildi. 2-nji duşuşyk golsuz tamamlanyp, San Marino taryhyndaky 10-njy deňme-deňligini aldy. 20 ýyl ozal Lihtenşteýni 1–0 ýeňen San Marinonyň ýygyndysynyň taryhynda ýeke-täk ýeňşi bar.


Endrik

**Ýoldaşlyk duşuşyklaryň netijeleri:** Portugaliýa—Şwesiýa: 5–2, Italiýa—Wenesuela: 2–1, San Marino—Seýnt Kitts we Newis: 1–3, Ekwador—Gwatemala: 2–0, Azerbaýjan—Mongoliýa: 1–0, Lihtenşteýn—Farer adalary: 0–4, Nigeriýa—Gana: 2–1, Norwegiýa—Çehiýa: 1–2, Senegal—Gabon: 3-0, Rumyniýa—D. Irlandiýa: 1–1, Niderlandlar—Şotlandiýa: 4–0, Wengriýa—Türkiýe: 1–0, Albaniýa—Çili: 0–3, Müsür—Täze Zelandiýa: 1–0, Ispaniýa—Kolumbiýa: 1–2, Alžir—Boliwiýa: 3–2, Marokko—Angola: 1–0, Argentina—Salwador: 3–0, Peru—Nikaragua: 2–0, Kot-d'Iwuar—Benin: 2–2, Irlandiýa—Belgiýa: 0–0, Slowakiýa—Awstriýa: 0–2, Angliýa—Braziliýa: 0–1, Daniýa—Şweýsariýa: 0–0, Fransiýa—Germaniýa: 0–2, Ekwador—Italiýa: 0–2, Şwesiýa—Albaniýa: 1–0, Kipr—Serbiýa: 0–1, Finlýandiýa—Estoniýa: 2–1, Norwegiýa—Slowakiýa: 1–1, Wengriýa—Kosowo: 1–0, Uganda—Gana: 2–2, Malta—Belarus: 0–0, Çehiýa—Ermenistan: 2–1, Daniýa—Farer adalary: 2–0, Kolumbiýa—Rumyniýa: 3–2, San Marino—Seýnt Kitts we Newis: 0–0, Senegal—Benin: 1–0, Kot-d'Iwuar—Urugwaý: 2–1, Irlandiýa—Şweýsariýa: 0–1, Angliýa—Belgiýa: 2–2, Awstriýa—Türkiýe: 6–1, Germaniýa—Niderlandlar: 2–1, Sloweniýa—Portugaliýa: 2–0, Şotlandiýa—D. Irlandiýa: 0–1, Fransiýa—Çili: 3–2, Müsür—Horwatiýa: 2–4, Argentina—Kosta Rika: 3–1, Mali—Nigeriýa: 2–0, Alžir—Günorta Afrika: 3–3, Peru—Dominikan Respublikasy: 4–1, Lýuksemburg—Gazagystan: 2–1, Nikaragua—Kuba: 0–1, Salwador—Gonduras: 1–1, Ispaniýa—Braziliýa: 3–3.

## Dünýä çempionaty tamamlandy

Figuralaýyn typmak boýunça Kanadanyň Monreal şäherinde geçirilen Dünýä çempionaty tamamlandy. Çempionatda erkekleriň arasynda ýekeleýin ýaryşda amerikaly Ilia Malinin altyn medala mynasyp boldy. Asly rus bolan türgen geçen ýyl bürünç medal gazanypdy. Ol 333,76 utuk bilen ýaponiýaly Ýuma Kagiýamadan hem-de fransiýaly Adam Siao Him Fadan öňe saýlandy. Kagiýama 2021-nji we 2022-nji ýyllardan soň 3-nji gezek kümüş medala mynasyp boldy.

**SOŇKY 56 ÝYLDA YZLY-YZYNA 3 ÇEMPIONLYK GAZANAN ILKINJI ZENAN**

● Zenanlaryň arasyndaky ýaryşda çempion üýtgemän soňky 2 ýylyň çempiony ýaponiýaly Kaori Sakamoto bassyr 3-nji altyn medalyny gazandy. Erkin typmakda has şowly çykyş eden 23 ýaşyndaky Sakamoto umumylykda 222,96 utuk toplady. Sakamoto soňky 56 ýylda zenanlaryň arasynda yzly-yzyna 3 gezek çempionlyk gazanan ilkinji türgen boldy. Sakamotodan öň amerikaly Peggi Fleming 1966-67-68-nji ýyllarda yzly-yzyna 3 çempionlyk gazanypdy. Zenanlaryň arasynda amerikaly Izabo Lewito 2-nji, koreýaly Kim Çheýon 3-nji orny eýeledi. Ýewropanyň çempiony, soňky 2 Dünýä çempionatynda-da degişlilikde, 2–3-nji orunlary eýelän belgiýaly Luna Hendriks bu sapar 4-njilik bilen oňňut etmeli boldy.


Ilia Malinin

Jübütleriň arasynda ýer eýeleri Kanadanyň türgenleri Dianna Stellato-Dudek bilen Maksim Deşam ikisi altyn medal gazandy. Geçen ýyl altyn medal gazanan ýaponiýaly jübüt Riku Miura bilen Rýuiçi Kihara 2-nji, germaniýaly Minerwa Fabinne Haze bilen Nikita Wolodin 3-nji orny eýeledi. Miura bilen Kihara 2022-nji ýylda-da kümüş medal gazanypdy.

Buzda tans ýaryşynda-da amerikaly Medison Çok bilen Ewan Beýts ikisi bassyr 2-nji altyn medallaryny boýunlaryna dakdylar. Kümüş medala kanadalylar — Gilles Paýper bilen Pol Pwarýe ikisi, bürünç medala-da italiýaly Şarlen Ginýar bilen Marko Fabbri mynasyp boldy. Geçen ýyl Paýper bilen Pwarýe 3-nji, Ýewropanyň soňky 2 ýylynyň çempionlary Ginýar bilen Fabbri bolsa 2-nji ýeri eýeläpdi.

Çempionat geljek ýyl ABŞ-nyň Boston şäherinde geçiriler.


Izabo Lewito, Kaori Sakamoto, Kim Çheýon


Maksim Deşam bilen Dianna Stellato-Dudek

## 2 ýyldan soň goşa üstünlik

Formula 1 boýunça möwsümiň 3-nji bäsleşigi Awstraliýanyň Melburn şäherindäki Albert Park trassasynda geçirildi. 58 aýlawdan ybarat bolan ýaryşa «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi 1-nji bolup başlasa-da, «Ferrari» toparynyň ispaniýaly piloty Karlos Saýns Junior ýeňiş gazandy.

**ÇEMPION 2 ÝYLDAN SOŇ ILKINJI GEZEK ÝARYŞY TAMAMLAP BILMEDI**

● Werstappen eýýäm 3-nji aýlawda ulagynyň togtadyjysynda emele gelen näsazlyk sebäpli ýaryşy dowam etdirip bilmän, bäsleşikden çykdy. Yzly-yzyna 9 ýaryşdaky ýeňişli ýörişi soňlanan Werstappene soňky sapar 2022-nji ýylda Awstraliýada bäsleşigi tamamlamak başartmandy.

Ýaryşda 1 sagat 20 minut 26,843 sekuntda pellehana gelen «Ferrari» toparynyň ispan piloty Karlos Saýns Junior ýeňiş gazandy. Bu onuň karýerasyndaky 3-nji ýeňşi bolup, ol şu möwsümde ilkinji gezek münberiň çür depesine çykdy. «Ferrariniň» monakoly sürüjisi Şarl Lekler topardaşyndan 2,366 sekunt yza galyp, 2-nji orna mynasyp boldy. «Ferrari» toparynyň sürüjileri 2 ýyldan soň 1-2-nji orunlary eýelediler.

Ýeňijiden 5,904 sekunt soň pellehanadan geçen «McLaren» toparyndan britaniýaly Lando Norris 3-nji, onuň awstraliýaly topardaşy Oskar Piastri 4-nji orna mynasyp boldy. «Red Bull» toparyndan meksikaly Serhio Peresiň 5-nji bolan ýaryşynda kanadaly Lans Stroll («Aston Martin») 6-njy, ýaponiýaly Ýuki Tsunoda («Honda») 7-nji, ispaniýaly Fernando Alonso («Aston Martin») 8-nji ýeri eýeledi. «Haas» toparynyň sürüjileri germaniýaly Niko Hulkenberg bilen daniýaly Kewin Magnusson 9–10-njy orunlary eýeläp, ýaryşda utuk gazanan pilotlar boldy.

«Williams» toparynyň bir sürüji bilen gatnaşan ýaryşynda «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Lýuwis Hamilton hem Werstappen ýaly ýaryşy tamamlap bilmedi.



Geçirilen 3-nji ýaryşdan soň Werstappeniň 51 utuk bilen liderligi dowam edýär. Lekler 47, Peres 46 utuk bilen 2–3-nji orunlary paýlaşýarlar.

Möwsümiň 4-nji «Gran Prisi» 7-nji aprelde Ýaponiýanyň Suzuka şäherinde geçiriler.



## Portugaliýada Horge Martin ýeňiş gazandy

**Moto GP boýunça möwsümiň 2-nji «Gran Prisi» Portugaliýanyň Algarwe şäherinde geçirildi. Şäheriň 4,6 kilometrlik adybir halkara trassasynda geçirilen ýaryşda «Prima Pramac» toparynyň ispaniýaly sürüjisi Horge Martin ýeňiş gazandy. Ol 25 aýlawy 41 minut 18,138 sekuntda tamamlap, möwsümdäki ilkinji, karýerasyndaky 5-nji ýeňşini baýram etdi.**

**Ýaryşda 2-nji ýeri ýeňijiden 0,882 sekunt yza galan «Ducati Lenovo» toparynyň italýan piloty Enea Bastianini eýeledi. Karýerasy boýunça ilkinji gezek münbere çykan «Red Bull» toparynyň 19 ýaşyndaky ispan sürüjisi Pedro Akosta ýeňijiden 5,362 sekunt yza galyp, 3-nji orna mynasyp boldy.**

**Möwsümiň ilkinji ýaryşynda ýeňiş gazanan soňky çempion Françesko Banaia ýüze çykan kiçeňräk hadysadan soň ýaryşy tamamlap bilmedi.**

**Bu ýaryşdan soň Horge Martin utugyny 60-a çykaryp, sanawyň 1-nji ornuna geçdi. 2-nji ýerdäki Bred Baýnderiň 42, 3-nji orundaky Enea Bastianiniň 39 utugy bar.**

**Möwsümiň 3-nji ýaryşy 14-nji aprelde ABŞ-nyň Ostin şäherinde geçiriler.**

# ÇEMPIONLAR LIGASYNDA ÇÄRÝEK FINAL DUŞUŞYKLARY

**UEFA Çempionlar Ligasynda möwsüm ahyrlap barýar. Geljek hepdäniň sişenbe we çarşenbe günleri, ýagny 2-3-nji aprelde ýaryşyň çärýek finalynyň 1-nji duşuşyklary geçiriler. Çärýek finalda futbol janköýerlerine ýklymyň öňdebaryjy 8 klubunyň arasynda çekeleşikli we dartgynly duşuşyklaryň 8-si garaşýar. Duşuşyklar Aşgabat wagty bilen 00:00-da başlanar.**

**PSŽ–«BARSELONA»: TARYHY DUŞUŞYKLARYŇ BIJESI**

PSŽ bilen «Barselona» öňümizdäki 2 hepdede 14–15-nji gezek özara duşuşarlar. Mundan öňki 13 oýunda «Barselona» 5, PSŽ 4 gezek ýeňiş gazanyp, şolaryň arasynda taryhy duşuşyklar hem bar. Toparlar ilkinji gezek 1994/95 möwsüminde çärýek finalda duşuşýar. Şonda «Barselonadaky» oýun deňlikde tamamlanyp (1–1), Parižděki duşuşykda PSŽ 2–1 hasabynda ýeňip, ýarym finala çykýar. Iki topar 1996/97 möwsüminde şol wagtky UEFA Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynyň finalynda duşuşyp, Rotterdamdaky oýunda «Barselona» braziliýaly Ronaldonyň 38-nji minutda penaltiden geçiren ýeke-täk goly esasynda ýeňşini baýram edýär. Toparlar 2014/15 möwsüminde 4 gezek gabatlaşyp, toparçalarda hem-de çärýek finalda duşuşan klublaryň şol oýunlarynyň 3-sinde katalonlar ýeňiş gazanýar. Iki klubuň arasyndaky iň ýatda galan duşuşyklar 2016/17 möwsüminde 1/8 finalda hasaba alynýar. Parižde 4–0 hasabynda ýeňiş gazanan fransuz kluby jogap duşuşygynda «Barselonanyň» taryhy kembeginden soň 6–1 hasabynda ýeňilýär. Germaniýaly emin Deniz Aýtekiniň azda-kände goldawyny hem alan «Barselona» soňky minutlarda 3 gol geçirmegi başarýar. Aslynda 90+1-nji minutda hasap 5–1 bolanda-da PSŽ çärýek finala çykmalydy. Ýöne 90+5-nji minutda Serži Robertonyň goly ýaryşyň taryhynda ozal gaýtalanmadyk kembegi ýüze çykarýar. PSŽ 2020/21 möwsüminde şol ýeňlişiň aryny alýar. Mbappeniň het-trik eden duşuşygynda myhmançylykda 4–1 hasabynda ýeňiş gazanan PSŽ jogap oýnunda-da deňme-deň oýnap, çärýek finala çykýar.



**Iki topary̆ň arasyndaky öňki duşuşyklar:** 1994/95 möwsümi çärýek finalda: **«Barselona»—PSŽ: 1–1** (Korneýew 48 — Wea 54), **PSŽ—«Barselona»: 2–1** (Rai 72, Guerin 83 — Bakero 49); 1996/97 möwsümi UEFA Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynyň finalynda: **«Barselona»—PSŽ: 1–0** (Ronaldo 38 p); 2012/13 möwsümi çärýek finalda: **PSŽ—«Barselona»: 2–2** (Ibrahimowiç 79, Matuidi 90+4 — Messi 38, Hawi 89 p), **«Barselona»—PSŽ: 1–1** (Pedro 71 – Pastore 50); 2014/15 toparçalarda: **PSŽ—«Barselona»: 3–2** (Dawid Luiz 10, Werratti 26, Matuidi 54 — Messi 12, Neýmar 56), **«Barselona»—PSŽ: 3–1** (Messi 19, Neýmar 42, Suares 77 — Ibrahimowiç 15); 2014/15 möwsümi çärýek finalda: **PSŽ—«Barselona»: 1–3** (Matiu 82 ö.d. — Neýmar 18, Suares 67, 79), **«Barselona»—PSŽ: 2–0** (Neýmar 14, 34); 2016/17 möwsümi 1/8 finalda: **PSŽ—«Barselona»: 4–0** (Di Mariýa 18, 55, Draksler 40, Kawani 72), **«Barselona»—PSŽ: 6–1** (Suares 3, Kurzawa 40 ö.d., Messi 50 p, Neýmar 88, 90+1 p, Roberto 90+5); 2020/21 möwsümi 1/8 finalda: **«Barselona»—PSŽ: 1–4** (Messi 27 p — Mbappe 32, 65, 85, Ken 70), **PSŽ—«Barselona»: 1–1** (Mbappe 31 p — Messi 37).

**SOŇKY 3 DUŞUŞYKDA «BAWARIÝA» 5–1 HASABYNDA ÝEŇDI**

«Arsenal» bilen «Bawariýa» UEFA-nyň ýaryşlarynda 13-nji gezek özara duşuşarlar. Iki topary̆ň arasyndaky soňky 3 duşuşyk 5–1 hasabynda «Bawariýanyň» peýdasyna tamamlanýar. Mundan öňki 12 duşuşykda «Bawariýa» garşydaşyny 7 gezek ýeňse, «Arsenalda» bu görkeziji 3-e deňdir. Iki topar ilkinji gezek 2000/01 möwsüminde toparçada gabatlaşýar. Şonda «Bawariýa» ilki myhmançylykda deňme-deň oýnap (2–2), öz meýdançasynda 1–0 hasabynda ýeňýär. Şondan soň iki topar 3 gezek 1/8 finalda duşuşyp, ählisinde-de çärýek finala çykan «Bawariýa» bolýar. 1/8 finalyň iň ýatda galan duşuşyklary-da 2012/13 möwsüminde hasaba alnyp, «Arsenal» 1-nji oýunda Londonda 3–1 hasabynda utulýar. Jogap oýnunda gazanylan 2–0 hasabynda ýeňiş iňlis klubuna ýeterlik bolmaýar. 2012–2017-nji ýyllar aralygyndaky 5 möwsümde toparlar 4 gezek gabatlaşyp, «Bawariýa» «Arsenalyň» ýagysy bolýar.

**Iki topary̆ň arasyndaky öňki duşuşyklar:** 2000/01 möwsümi toparçalarda: **«Arsenal»—«Bawariýa»: 2–2** (Anri 4, Kanu 55 — Tarnat 56, Şoll 66), **«Bawariýa»—«Arsenal»: 1–0** (Elber 10); 2004/05 möwsümi 1/8 finalda: **«Bawariýa»—«Arsenal»: 3–1** (Pizarro 4, 58, Salihamdziç 65 — Ture 88), **«Arsenal»—«Bawariýa»: 1–0** (Anri 66); 2012/13 möwsümi 1/8 finalda: **«Arsenal»—«Bawariýa»: 1–3** (Podolski 55 — Kroos 7, Müller 21, Manžukiç 77), **«Bawariýa»—«Arsenal»: 0–2** (Žiru 3, Kosielni 86); 2013/14 möwsümi 1/8 finalda: **«Arsenal»—«Bawariýa»: 0–2** (Kroos 54, Müller 88), **«Bawariýa»—«Arsenal»: 1–1** (Şwanştaýger 55 — Podolski 57); 2015/16 möwsümi toparçalarda: **«Arsenal»—«Bawariýa»: 2–0** (Žiru 77, Özil 90+4), **«Bawariýa»—«Arsenal»: 5–1** (Lewandowski 10, Müller 29, 89, Alaba 44, Robben 55 — Žiru 69); 2016/17 möwsümi 1/8 finalda: **«Bawariýa»—«Arsenal»: 5–1** (Robben 11, Lewandowski 53, Alkantara 56, 63, Müller 88 — Aleksis Sançes 30), **«Arsenal»—«Bawariýa»: 1–5** (Teo Walkott 20 — Lewandowski 55 p, Robben 68, Duglas Kosta 78, Widal 80, 85).



**YZLY-YZYNA 3-nji GEZEK DUŞUŞÝARLAR**

Ýaryşyň soňky 2 çempiony — «Real Madrid» bilen «Mançester Siti» toparlary bassyr 3-nji, soňky 5 möwsümde 4-nji gezek gabatlaşarlar. Olar ilkinji gezek 2012/13 möwsüminde toparçalarda duşuşyp, şonda Madriddäki oýunda ýer eýeleri 3–2 hasabynda ýeňiş gazanýar. Myhmançylykda-da utuklar paýlaşylýar (1–1). Klublaryň 2019/20 möwsümindäki 2 duşuşygynda-da «Mançester Siti» 2–1 hasaplar bilen ýeňiş gazanýar. Yzly-yzyna 2 möwsüm ýarym finalda gabatlaşyp, 2021/22 möwsüminde «Real» ýatdan çykmajak kembek bilen üstün çykýar we şol möwsümi çempionlyk bilen tamamlaýar. 1-nji oýunda myhmançylykda 4–3 hasabynda utulan «Real» jogap duşuşygynda 90-njy minutdan soň 2 gol geçirip, goşmaça wagtda-da ýeňşini baýram edýär. Geçen möwsümde-de ýeňiş iňlis klubunyň tarapynda bolýar we ahyrynda-da «Mançester Siti» ýaryşyň täze çempiony diýen ady eýeleýär.

**Iki topary̆ň arasyndaky öňki duşuşyklar:** 2012/13 möwsümi toparçalarda: **«Real Madrid»—«Man. Siti»: 3–2** (Marselo 76, Benzema 87, Ronaldo 90 — Jeko 68, Kolarow 85), **«Man. Siti»—«Real Madrid: 1–1** (Aguero 73 p — Benzema 10); 2015/16 möwsümi ýarym finalda: **«Man. Siti»—«Real Madrid»: 0–0, «Real Madrid»—«Man. Siti»: 1–0** (Fernando 20 ö.d.); 2019/20 möwsümi 1/8 finalda: **«Real Madrid»—Man. Siti»: 1–2** (Isko 60 — Žesus 78, De Bruýne 83 p), **«Man. Siti»—«Real Madrid»: 2–1** (Sterling 9, Žesus 68 — Benzema 28); 2021/22 möwsümi ýarym finalda: **«Man. Siti»—«Real Madrid»: 4–3** (De Bruýne 2, Žesus 11, Foden 53, B. Silwa 74 — Benzema 33, 82 p, Winisius 55), **«Real Madrid»—«Man. Siti»: 3–1 g.w.** (Rodrigo 90, 90+1, Benzema 95 p — Mahrez 73); 2022/23 möwsümi ýarym finalda: **«Real Madrid»—«Man. Siti»: 1–1** (Winisius 36 – De Bruýne 67), **«Man. Siti»—«Real Madrid»: 4–0** (B. Silwa 23, 37, Akanži 76, Alwares 90+1).



* * *

Çärýek finalyň iň az ünsi çekýän jübütinde «Atletiko Madrid» bilen «Borussiýa Dortmund» toparlary mundan ozal UEFA-nyň ýaryşlarynda 4-si Çempionlar Ligasynda, jemi 6 gezek duşuşypdylar. 1965/66 möwsüminde şol wagtky UEFA Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynda çärýek finalda «Borussiýa» «Atletikony» ýeňýär. Şol möwsüm «Borussiýa» bu ýaryşda kubogy eýeleýär. Olaryň 2-nji gabatlaşmasy 30 ýyldan soň bolýar. 1996/97 möwsüminde Çempionlar Ligasynda toparçalarda duşuşan iki topary̆ň şol oýunlarynda her-si 1 gezek ýeňiş gazanýar. Soňlugy bilen «Borussiýa Dortmund» «Atletiko» bilen duşuşan 2 ýaryşynda-da çempionlyk kubogyny eýeleýär. Möwsümiň ahyrynda «Borussiýa» finalda «Ýuwentusy» 3–1 hasabynda ýeňip, ilkinji gezek UÇL-niň çempiony bolýar.

**Iki topary̆ň arasyndaky öňki duşuşyklar:** 1965/66 möwsümi UEFA Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynyň çärýek finalynda: **«Atletiko»—«Borussiýa»: 1–1, «Borussiýa»—«Atletiko»: 1–0;** 1996/97 möwsümi toparçalarda: **«Atletiko»—«Borussiýa»: 0–1** (Roýter 51), **«Borussiýa»—«Atletiko»: 1–2** (Herrlih 17 — Fresnedoso 37, Pantiç 42); 2018/19 möwsümi toparçalarda: **«Borussiýa»—«Atletiko»: 4–0** (Witsel 38, Gerreýro 73, 89, Sanço 83), **«Atletiko»—«Borussiýa»: 2–0** (Saul 33, Grizmann 80).

## Pariž 2024: futbol ýaryşlarynyň bijeleri çekildi



Şu ýylyň tomsunda Parižde geçiriljek Olimpiýa oýunlarynda futbol ýaryşlarynyň bijeleri çekildi. Erkekleriň arasyndaky futbol ýaryşyna 16 topar gatnaşar. Erkekleriň arasynda soňky 2 ýaryşyň çempiony Braziliýanyň Olimpiýa ýygyndysy Pariž 2024-e ýollanma alyp bilmedi. Häzirki wagtda erkekleriň arasynda Aziýadan gatnaşjak toparlar belli bolman, 15-nji aprel – 3-nji maý aralygynda Katarda geçiriljek çempionatdan soň kesgitlener. Tomusky Olimpiýa oýunlaryna erkekleriň arasynda Olimpiýa ýygyndylary, ýagny U-23 toparlary gatnaşyp, topary̆ň düzümine 23 ýaşdan uly bolan diňe 3 futbolçy almaga ygtyýar berilýär.

Bijä laýyklykda, altyn medalyň esasy dalaşgärlerinden ýer eýeleri Fransiýanyň Olimpiýa ýygyndysy «A» toparçada ABŞ-nyň, Täze Zelandiýanyň hem-de AFK – KAF pleý-off duşuşygynyň ýeňijisi duşuşar. Soňky çempion Braziliýany ýeňip, gatnaşmaga hukuk gazanan Argentinanyň Olimpiýa topary «B» toparçada Marokkonyň, Ukrainanyň hem-de Aziýadan gatnaşjak bir topar bilen özara güýç synanyşar.

Ispaniýanyň, Müsüriň, Dominikan Respublikasynyň hem-de Aziýanyň bir topary «C» toparçany, Paragwaýyň, Maliniň, Ysraýylyň hem-de Aziýanyň ýene bir wekili «D» toparçany düzdüler.

Zenanlaryň arasyndaky ýaryşa-da 12 ýygyndy gatnaşar. Häzirlikçe Afrikadan gatnaşjak ýygyndylar belli bolman, «A» toparçada Fransiýanyň, Kolumbiýanyň, Kanadanyň, Täze Zelandiýanyň, «B» toparçada ABŞ-nyň, Germaniýanyň, Awstraliýanyň hem-de Afrikanyň bir wekili, «C» toparçada-da Ispaniýadyr Ýaponiýanyň, Braziliýanyň hem-de Afrikanyň başga bir wekili özara bäsleşerler.

24-nji iýul – 10-njy awgust aralygynda guraljak duşuşyklar Fransiýanyň Pariž, Bordo, Marsel, Lion, Sent-Etien, Nissa hem-de Nant şäherlerindäki stadionlarda oýnalyp, final duşuşyklarynyň 2-si (erkekler hem-de zenanlar) hem PSŽ-niň stadiony «Park de Prens»-de geçiriler.




**TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY**

**Hormatly raýatlar!**

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky ýurdumyzyň raýatlaryny «Onlaýn ýüz tutma» hyzmatyndan peýdalanmaga çagyrýar.

Hyzmata laýyklykda raýatlar banka barmazdan sanly ulgam arkaly bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynyň «Karzlaşdyrma» bölüminde ýerleşdirilen «Onlaýn ýüz tutma» arkaly soraglara dogry we doly jogap berip, gerekli maglumatlary doldurandan soňra bankyň hünärmeni tarapyndan karz almak üçin ýüztutmanyň kabul edilendigi barada telefon arkaly habar berilýär. Raýatlarymyz bu hyzmatdan gije-gündiziň dowamynda peýdalanyp bilerler.

**Hormatly ildeşler!** «Onlaýn ýüz tutma» hyzmatyndan peýdalanmak üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da onuň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:**
**(+993 12) 44-02-62, 44-03-04.**
Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynda ýerleşdirilen.

**Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň paýdarlarynyň dykgatyna!**

**Hormatly paýdarlar!**

Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky «Paýdarlar jemgyýetleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 13-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, 2023-nji ýylyň 25-nji fewralynda geçirilen paýdarlaryň Umumy hasabat ýygnagynyň «Bankyň esaslyk maýasynyň möçberini köpeltmek barada» 5 belgili kararyna täzeden seredip, 2023-nji ýylyň 23-nji dekabryndaky paýdarlaryň nobatdan daşary Umumy ýygnagynyň 1/1 belgili karary esasynda paýnamalaryň goýberilişiniň 22-nji emissiýasynyň ýatyrylyp, bankyň esaslyk maýasynyň 140 000 000 (bir ýüz kyrk million) manat möçberinde öňküligine galdyrylandygyny mälim edýär.

**Habarlaşmak üçin salgymyz we telefon belgilerimiz:**
Aşgabat şäheriniň Çandybil şaýolunyň 129-njy jaýy,
**(+993 12) 44-44-30, 44-44-32, 44-44-36.**
***e-mail: senagatbank@online.tm***

**Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň Gözegçilik geňeşi**